## Tema 2. Türkmenistanyň geografiki, geosyýasy ýerleşişi, tebigy we demografiki aýratynlyklary. (4 sagat)

### 1-nji sapak

### Meýilnama:

1.Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi we tebigy baýlyklary. Türkmenistanyň klimaty. Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary.
2.Türkmenistanyň geosyýasy ýerleşişi.Halkara demir ýollarynyň gurluşyklary. “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy.
3.Türkmenistanda döwletiň demografiki syýasaty we demografiki aýratynlygy.

### 2-nji sapak

### Meýilnama:

1.Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti. Türkmen halkynyň hojalyk ýöretmek, täjirçilik, telekeçelik tejribesi.
2.Türkmenistandaky arheologik ýadygärlikler, halkyň şäher gurluşyk medeniýeti.
3. Ýakyn geçmişde ýurduň senagatlaşmagy üçin dörän käbir esaslar we olary öwrenmekligiň aýratynlygy.

### Edebiýat:


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2016
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-12 tomluk. A. 2008-2019.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. A.2007
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. A. 2007
5. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. A. 2009.
6. Bitaraplyk – bagtyýarlyk binýady. A.2010 ý.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Melhemler mekany. A.2011
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. A.2015
9. Gurbanguly Berdimuhamedow.  Türkmenistan. A.2016
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I,II kitaplar. A., 2017, 2018
11. Arkadagyň ajap eýýamy.A. 2017
12. Suwhanow N. we başgalar. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby – A.2011ý.
13. Baýramsähedow M. Gündogaryň beýik danalary.  A.1992ý.
14. „Bilim hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. A.2009ý.
15. Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.,Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Ýokary we orta hünär mekdepleri üçin gollanmasy okuw gollanmasy. A. 2011 ý.

**1.Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi we tebigy baýlyklary. Türkmenistanyň klimaty. Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary.**

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň günbatar böleginde, demirgazyk giňişligiň 42º48′ bilen 35º08′, gündogar uzaklygyň hem 52º27′ bilen 66º41′ aralygynda ýerleşýär. Onuň territoriýasy demirgazykdan günorta 650 km, günbatardan gündogara 1100 km-e çenli uzalyp gidýär. Ol demirgazyk ýarym şaryň aram guşaklygynyň çöller zonasynda ýerleýýär.

Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşy aglaba bir meňzeşiräk relýefi bolan giň düzlüklerden ybaratdyr. Bu düzlügiň günortasyny Köpetdag, Paropamir we Gissar dag ulgamlary tutýar. Umuman ýurduň relýefi günbatardan we demirgazyk-günbatardan günorta-gündogara tarap kem-kemden beýgelýär. Türkmenistanyň tutýan meýdany 488.1 müň km². Munuň özi Merkezi Aziýanyň territoriýasynyň 39.8%-ine barabardyr. Onuň ýeriniň 80 % golaýyny Aziýanyň iň uly çölleriniň biri bolan Garagum, galan bölegini bolsa baýyrlyklar, daglar, derýalar, köller, suw howdanlary, medeni oturum (oazis) tutýar. (Onuň çäginde Günorta Mangyşlak we Ustýurt platosy, Garabil we Bathyz baýyrlyklary, Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek we beleki derýalar, Garagum derýasy, Garabogaz we Altyn Asyr türkmen köli ýerleýýär). Türkmenistanyň tutýan meýdany Angliýanyňkydan 244 müň km², Italiýanyňkydan 187 müň km², Ýaponiýanyňkydan bolsa 166 müň km² köpdür.

Türkmenistan demirgazykda Gazagystan, demirgazyk-gündogarda Özbegistan, günortada Owganystan we Eýran, günbatarda bolsa Hazar deňzi boýunça Azerbeýjan we Orsýet bilen araçäkleşýär. Türkmenistanyň iň demirgazyk araçägi Daşoguz welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň „Parahat“ daýhan birleşiginiň Ýaňgala harabaçylygynyň golaýyndaky Üstýurduň belent çüňki hasaplanýar. Ýurdumyzyň gündogardaky iň çetki nokady Köpetdagyň gündogar gerşi bolan Hezretaksar depesi, günbatar nokady Hazar deňziniň kenaryndaky Suwe burny saýylýar. Ýurduň günorta nokady Serhedabat etrabynyň ilersindäki Çilduhtar diýlen oba hasaplanýar. Türkmenistanyň bütin serhediniň uzynlygy 4600 km. golaýdyr. Onuň aglaba bölegi Özbegistan bilen günorta goňşularymyz bolan Owganystan we Eýran aralygyndaky serhede degişlidir.

Türkmenistanyň klimaty özboluşly. Ol kontinental we gurak klimata eýe bolýar Klimatyň munuň ýaly ýagdaýy atmosferanyň sirkulýasyýasynyň aýratynlyklary, ýurduň ägirt uly materigiň jümmüşinde bolmagy, ondan başga-da günortada ýerleşýänligi hem-de günorta-gündogarda we günortada dag ulgamlarynyň barlygy bilen baglanşyklydyr. Klimatyň kontinentallygy we guraklygy Türkmenistanyň ygala garyp, gün energiýasyna baý ülke bolmagyna sebäp bolýar. Ol özüniň geografik ýagdaýyna görä, Günden örän köp ýylylyk alýar. Gös-göni gün radiýasyýasyndan düşýän ýylylygyň ýyllyk mukdary ýurtda demirgazykda 80 kkal/sm², günorta-gündogarda bolsa 110 kkal/sm² ýetýär. jemi radiasiýanyň ýyllyk mukdary ýurduň demirgazyk-günbatarynda 130 kkal/sm² bolanlygyndan günorta-günbatarynda 160 kkal/sm² çenli üýtgäp durýar.

Türkmenistanda howanyň gyzgynlygy ýylyň dowamynda üzül-kesil üýtgäp durýar. Düzlüklerde ortaça ýyllyk temperatura demirgazykda +11-13º bolanlygyndan günorta-gündogarda +15-18º çenli üýtgeýär. Daglarda ýokary

galdygyňça howanyň temperaturasy pese düşýär, ýagny 1500-2000 m beýiklikde howanyň temperaturasy +7-10° deňdir. Ýanwar iň sowuk aý hasaplanýar. Bu aýyň ortaça temperaturasy ýurduň demirgazyk-gündogarynda -6° bolanlygyndan günorta-gündogarynda +3°, çetki günorta-günbatarynda bolsa +5° çenli üýtgeýär. Sowuk howa massalarynyň agdyklyk edýän käbir ýyllary gyşyna has gazaply bolýar. Aýaz uzak wagtlap saklanýar we hatda günorta etraplarda hem – 30- 36°, günorta-günbatarda we Hazar deňziniň kenar ýakalarynda bolsa -17-19° ýetýär. Tomsuna düzlüklerde yssy we gurak bolýar. Ol ýerlerde howanyň ýokary temperaturasy iýulda, kenar ýaka etraplarda bolsa awgustda bolýar. Howanyň absolýut temperaturasy merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda +45-50° ýetýär. Ýurduň demirgazygynda, kenarýaka etraplarda we daglarda bolsa howanyň gyzgynlygy peselýär.

Türkmenistanyň klimaty üçin diňe bir howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy mahsus bolman, eýsem gün şöhleleriniň dowamlylygy hem mahsusdyr. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumyň gündogarynda orta hasap bilen ol ýylda 2800-3100 sagada ýetýär, emma deňiz ýakasyndaky ýerlerde we Köpetdagyň demirgazyk eňňitlerinde birneme azalýar. Gün şöhlesiniň dowamlylygy ýanwarda 100-den 150 sagada, iýulda bolsa 320-den 400 sagada çenli üýtgäp durýar.

Gün şöhlesiniň dowamlylygy bulutlylyk bilen ýakyndan baglanşyklydyr. Bulutlylygyň ortaça möçberi ýurduň bütin çäginde pes, ýagny 3-4 baldyr. Türkmenistanda açyk we ala bulutly günler köp bolýar. Günorta-Gündogar Garagumda açyk howaly günleriň ýyllyk maksimumy 165-185 gün bolup, Üňüz aňyrsyndaky Garagumda 122-132 güne we Hazar deňziniň kenarlarynda 100 güne çenli azalýar. Türkmenistanda köplenç ygal az düşýär, ýylda orta hasap bilen 80 mm-den 360 mm çenli ygal düşýär.

Bütin ýylyň dowamynda gurak maýyl howaly pasyl bilen has çygly sowuk howaly pasyl çürt-kesik tapawutlanýar. Sowuk howaly pasylda düşýän ygal maýyl howaly pasylda düşýän ygala garaňda 2-3 esse köp bolýar. Bütin ýylyň dowamynda ygal deň düşmeýär hem-de birsyhly üýtgäp durýar. Aýry-aýry ýyllarda atmosfera ygallarynyň ýyllyk mukdary 24 mm-den 564 mm çenli üýtgeýär. Kämahallar ygalyň gije-gündizlik mukdary ençeme ýylyň ortaça aýlyk normasyndan hem birnäçe esse artýar. Ygal gar görnüşinde onçakly köp düşmeýär, özem köplenç noýabrdan marta çenli bolan aralykda ýagýar.

Tomusda howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy, ygalyň azlygy hem-de ýerüsti suwlaryň ýoklugy howanyň çyglylyk režimini şertlendirýär. Onuň iň ýokary derejesi köplenç ýanwarda bolýar. Üňüz aňyrsyndaky Garagumda, Köpetdag eteginde hem-de Hazar deňziniň kenar ýakalarynda otnositel çyglylyk 75-78% ýetýär. Günorta-Gündogar hem-de Merkezi Garagumda bolsa otnositel çyglylyk 70%-e çenli azalýar.

Iň gurak döwür iýundan sentýabra çenli hasaplanýar, şol döwürde çöllük zonada otnositel çyglylyk 22-25% çenli peselýär, käbir yssy günlerde otnositel çyglylygyň minimumy ol ýerde 1-2% ýetýär. Deňziň täsir edýänligi sebäpli, kenar ýakasyndaky ýerlerde (Esenguly 69%) we daglarda (Haýrabat 47%) otnositel çyglylygyň iň ýokary bolýan wagty tomus aýlarydyr. Amyderýanyň boýunda çyglylyk çölüň suwa ýetlmeýän ýerine garaňda has ýokary bolup, 37-41% ýetýär.

Howanyň çyglylygynyň pesligi suwuň güýçli bugarmagyna şert döredýär. Türkmenistanyň suw howdanlarynda suwuň bugarmagynyň ýyllyk möçberi 1000-2300 mm aralygynda üýtgäp durýar.

Ýylyň köp wagtynda Türkmenistanyň denirgazygynda demirgazyk-gündogar, Köpetdagyň merkezi hem-de dag etek düzlükleriniň ugrunda gündogar, Günorta-Gündogar Garagumda bolsa demirgazyk ýelleri öwüsýär, Türkmenistanyň günorta-gündogaryndaky käbir raýonlarynda relýefiň täsiri astynda demirgazyk ýelleri demirgazyk-günbatar ýellerine öwrülýär. Türkmenistanyň bütin çäginde gowşak we aram ýeller (tizligi 5 m⁄sek-a çenli) agdyklyk edýär. Tizligi 15 m⁄sek-den gowrak ýelli günleriň sany Merekezi Garagumda ortaça 5-10, Günorta-Gündogar Garagumda 3-8 gündür. Hazar deňziniň demirgazyk kenar ýakasy, Köpetdagyň günbatar etekleri we Amyderýa jülgesi ýelleriň iň köp bolýan ýerleridir. Güýçli apy-tupanly ýeller köplenç günbatar, demirgazyk-günbatar we demirgazyk sowuk howa massalary aralaşanda döreýär. Apy-tupanly günleriň iň köp bolýan ýeri Balkanabadyň töwerekleri hasaplanýar. Ol bu ýerde ortaça 60 güne ýetýär. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda apy-tupanly günleriň ortaça ýyllyk sany 30-40 gündir. Daglarda we oazislerde şeýle günler selçeň bolýarlar.

Türkmenistanyň topragy dürli-dürli bolup, ýurduň ýerleşişi bilen bagly bolýar. Çöl-sähraly zonasy mele topraklaryň has köpräk ýaýran ýeri bolan daglyklary we dag etegindäki ýapylary öz içine alýar. Ösüş derejesi boýunça ol topraklar açyk mele, adaty mele we goýy mele toprak görnüşlerine bölünýär. Açyk mele topraklar mele toprakly gurşaklygyň aşak böleginde, adaty mele toprak onuň orta we goýy mele toprak bolsa ýokary böleginde gabat gelýär.

Çägeli çöl, melemtil-goňras, takyrsow, takyr, çemenlik we şorluk topraklar çöllük zonanaýň has köp ýaýran topraklarydyr. Çägeli çöllük ýerleriň topragy ot-ösümlik bilen çägesi berkidilen Garagumyň hemme ýerinde, Üňüz aňyrsyndaky Garagumyň köp böleginde, Amyderýanyň ýakasyndaky çägelik zolakda ýaýrandyr. Melemtil-goňras topraklar, esasan, Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanyň, Üňüz aňyrsyndaky Garagumyň, Sandykly massiwiniň gyralarynda, şeýle hem Günbatar Köpetdagyň, Uly Balkanyň eteklerinde duş gelýär. Takyrlar we takyrsow topraklar Amyderýanyň, Tejeniň, Murgabyň, Etregiň düzlüklerinde, şeýle hem Köpetdagyň, Köýtendagyň, Uly we Kiçi Balkanyň dag etegi düzlüklerinde duş gelýär. Çemenlik, çemenlik-takyrsow topraklar Amyderýanyň, Murgap, Tejen we Etrek derýalarynyň jülgelerinde ýaýrandyr. Çaýlym-çemenlik topraklary, esasan, Amyderýa ýakasynyň suw çaýylýan böleginde, insiz zolajyklar görnüşinde hem Murgap we Tejen jülgelerinde duş gelýär.

Beýan edilen topraklaryň suwarymly görnüşleri tarp toprakdan özleriniň strukturalaşanlygy, ýokumly maddalaryň ýokarylygy, şorlugynyň pesligi, suw-fiziki häsiýetleriniň has oňatlygy bilen tapawutlanýarlar Suwarymly ekerançylyk üçin, esasan, açyk melemtil, çemenlik, takyrsow we çemenlik-takyrsow, azrak mukdarda hem suwarymly takyr, çägeli çöllük we galyndy-çemenlik topraklar peýdalanýar. Häzirki döwürde ýurdumyzda 2 million gektar ýer özleşdirilendir. Umuman, Türkmenistanyň klimaty we mes topragy ýylylygy söýýän suwarymly

ekerançylyk üçin örän amatlydyr. Bu ýerde gowaça, aýratyn-da onuň inçe süýümli sortlary, örän süýji gawundyr garpyz, üzüm we başgalar ekilýär.

## Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary.

Türkmenistanyň iň esasay ýer asty baýlygy nebit we gaz bolýar. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä ýurduň çäginiň dörtden üç böleginiň nebit we gaz babatdaky geljegi uludyr. Häzirki güne çenli ýurdumyzda nebit we gaz babatda geljegi uly düzümleriň müňden gowragy ýüze çykaryldy, ýataklaryň 150-den gowragy açyldy, olaryň diňe 50-sinde işlenilýär. Uglewodoradlaryň başlangyç umumy resurslary 45 milliard tonnadan gowrak şertli ýangyja barabar diýip çak edilýär (Türkmenistan 2008`10`09`). Bu ýerde 7 sany iri gazly topar: Günbatar Türkmenistan, Merkezi Garagum, Böwrüdeşik-Hywa, Türkmenabat, Üňüz aňyrsy Garagum, Murgap hem-de Garabil-Bathyz bölünip görkezilýär. 2008-nji ýylda „Gaffney Cline Associates“ iňlis kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan Amyderýanyň basseýninde geçirilen halkara auditiniň netijesinde Gündogar Türkmenistanda açylan Günorta Ýolöten-Osman tebigy gaz ýatagy özüniň gorlarynyň möçberi boýunça dünýäniň iň iri gaz ýataklarynyň bäşligine girýänligi tassyklandy.

Türkmenistanyň çäginde Tüwergyrda, Uly Balkanda, Köýtendagda daşkömrüň çykýan ýerleri bar. Tüwergyrda ol galyňlygy 0,3 metrden 2 metre çenli bolan birnäçe gatlaklardan durýar. Geçirilen gözleg-barlag işleri netijesinde Gyzylgaýa we Çagyl obalarynyň aralygynda 10 metre çenli galyňlykda kömür gatlaklarynyň barlygy anyklandy. Umuman, Tüwergyr sebitlerinde 2 milliard tonna çemesi kömür bar diýip çaklanýar.

Tüwergyrda, Köýtendagda we beýleki käbir ýerlerde paleogen çäkgündileriň arasynda margensiň birleşmesi duş gelýär. Köýtendagda linza we ştok görnüşinde gurşunyň we sinkiň gorlary bar. Bu ýerde mis we bariý magdanlary hem duş gelýär. Barlaglar netijesinde simap almak üçin çig mal bolan kinowaryň çykýan 200-e golaý ýerleri anyklandy. Simaply minerallar Köýtendagda, Uly Balkan daglarynda duş gelýär.

Nebit senagatynda, nebit-gaz gözleg işlerinde giňden ulanylýan bentonit toýnunyň ýataklary hem ýurdumyzda bar. Ol Balkanabadyň demirgazygynda Oglanly diýen ýerden 1930-njy ýylda tapyldy. Bentonit toýny gatlak görnüşinde bolup, paleogen çökgündilerinde bolýar. Ol nebit işlenilende ondan alynýan önümleri arassalamaklyk üçin ýokary hilli adsorbent bolup hyzmat edýär. Şonuň ýaly hem ol metal eretmek işinde galyp materiallaryny we buraw işlerinde toýun laýyny taýýarlamak üçin ulanylýar. Ýurtda döwrüniň çäge-toýun çäkgündileriniň düzüminde boksit hem duş gelýär. Ol alýuminini almaklyk üçin çig mal bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň çäginde çökgündi gatlaklarda karbonat jynslary (dolomitiň hek daşlary, mergeller, mel), sulfatlar (gips, angidrit, özünde gips saklaýan jynslar), toýunlar, oda çydamlay toýunlar, çäge daşlary, kwars çägeleri, jyglym-çagyl minerallary we başgalar giň ýaýrandyr. Käbir ýerlerde granit, porfirit, andezit, bazalt we beýleki çogup çykýan jynslaryň ýeriň ýüzüne çykýan ýerleri

bar. Olaryň köpüsi gurulşyk hajatlary üçin giňden ulanylýar. Keletede, Babadurmazda, Baharlyda bar bolan paleogen daşly çägeler aýna öndürmek üçin ýaramlydyr. Olardan başga-da Türkmenistanda mineral reňkler, bezeg daşlary (olaryň iň owadany Garlyk gowagyndaky we Köpetdagdaky „onuks“) bar.

Türkmenistan kükürde, nahar we kaliý duzlaryna, natriý sulfatyna (mirabilite), magniý duzlaryna, ozokrite, ýoda, broma baý. Onuň çäginde mineral duzlaryň ähli görnüşleri diýen ýaly duş gelýär. Garabogazkölde natriý sulfatynyň, bişofitiň, epsomitiň ägirt uly mukdary bar. Şonuň ýaly-da bu ýerde magniý, stronsiý, rubidiý, bor, brom we başga seýrek duş gelýän elementler hem duş gelýär. Türkmenistan nahar duzuna örän baý. Iň uly duz känleri Hazar boýundaky Guwluköl, Jebel stansiýasynyň golaýyndaky Babahoja, Günorta-Gündogar Türkmenistanda Soltan Sanjar hem-de Magdanly känleridir. Başga ýerlerde hem nahar duzunyň köp mukdary bar.

Ýerasty we mineral suwlar hem Türkmenistanda gazylyp alynýan gymmatly zatlaryň biridir, sebäbi suw resurslary biziň ýurdumyzyň hiç bir zat bilen deňäp bolmaýan baýlygydyr. Yssy we gurak klimat, ygalyň az ýagmagy, trerritoriýanyň geologik we tektonik gurluşynyň çylşyrymlylygy ýerasty suwlaryň emele geliş, ýatyş we akyş şertlerini kesgitleýär hem-de has minerallaşan ýerasty suwlaryň toplanmagyna esas bolýar. Şonuň üçin ýerli suw resurslaryny öwrenmeklik, şäherleri we obalary arassa agyz suwy bilen üpjün etmeklik meselesi ýurt üçin wajyp meseleleriň biri bolýar.

Ýerasty süýji suwlar, esasan, Köpetdag, Uly Balkan, Köýtendag sebitlerinde emele gelip, olar özünden suwy gowy geçirýän, ýuranyň we meliň kem-kesleýin jaýryk ýatan jynslarynda saklanýar. Ol suwlar Aşgabadyň, onuň töwerekleriniň we başga onlarça ownuk-iri şäherleriň, şäherçeleriň senagat, komunal, oba hojalyk suw üpjünçiligine bolan hajatlaryny kanagatlandyrmaga uly goşant bolup hyzmat edýär. Derýalaryň ýakalarynda we Garagum derýanyň zonasynda filtrasiýanyň esasynda emele gelen ýerasty süýji suwlar hem suw üpjünçiliginde peýdalanýar. Duzly suwlaryň üstünde „ýüzýän“ linzalar görnüşinde bolan süýji we çala şorlaşan ýerasty suwlary Garagum çällüginde hem bar. Şeýle linzalaryň birinde, ýagny Ýasga linzasynda geçen asyrda Günbatar Türkmenistanyň birentek şäherleriniň senagatyny suw bilen üpjün edýän suw ýygnaýjy desga guruldy. Bu ýerde süýji suwy-da, şor suwy-da bir wagtda çykarmak üçin goşalandyrylan skwažinadan peýdalanyldy. Munuň özi süýji we onuň aşagyndaky şor suwuň gatyşyp çykmagyna mümkinçilik bermeýär we şol linzany uzak wagtlap peýdalanmaga esas döretdi.

Türkmenistanda termal suwlar hem kän. Olara kesel bejeriş ähmiýeti bolan, senagatda olardaky komponentleri saýlap alyp boljak, şeýle hem energetika maksatlary üçin ulanyp boljak termal suwlar girýär. Türkmenistanyň mineral suwlaryny öwrenmek we praktiki taýdan ulanmak häzirki döwürde giň gerime eýe bolýar. Praktiki taýdan bejeriş maksatlary üçin Türkmenistanyň artezian basseýnnlerinde, şeýle hem Köpetdagyň ýygyrtly ýerlerinde, Uly Balkanda we Köýtendagda giň ýaýran sulfatly, kükürtwodorodly suwlar peýdalanylýar. Sulfidli suwlaryň iň giň ýaýranlary hlorid natrili, gidrokarbonat-sulfat-hlornatrili suwlardyr.

Çuň gorizontlardaky ýerasty suwlaryň düzüminde senagat maksatlary üçin ulanylýan ergin haldaky elementler bar. Türkmenistanda, esasan, onuň ýygyrtly ýerlerinde ýod-bromly, demirli, magnili we başga goşundyly suwlar kän. Hazar we Boýadag känlerinden çykýan mineral suwlaryň esasynda ýod-brom zawodlary işleýär.

## 2.Türkmenistanyň geosyýasy ýerleşişi. Halkara demir ýollarynyň gurluşyklary. "Awaza" milli syýahatçylyk zolagy.

Türkmenistan gadym döwürlerden bäri söwda ýollarynyň, medeni we dini gatnaşyklaryň çatrygynda ýerleşen. Onuň ajaýyp mysaly hökmünde Beýik Ýüpek ýoluny getirse bolar. Harby hadysalar sebäpli, tebigy ýagdaýlar bilen baglylykda, adamlar bu ýoluň ugruny üýtgeden hem bolsalar, ol hökmany suratda ýurduň çäginden geçen. Mary şol ýoluň merkezinde ýerleşen. Onda bu ýoluň bir şahasy demirgazyga-Horezma tarap bölünip aýrylýar. Günorta tarap Horosana we ondan Kermana, Pars aýlagyna gidýän ýoluň başga bir ugry Arabystana alyp barypdyr. Gündogarda bu ýol Hindistana we Hytaýa rowana bolan.

Bu ýoluň Türkmenistanyň çäklerinden we onuň goňşy ýurtlarynyň içinden geçýän bölekleri barada ilkinji gezek Usidor Harakskiniň eserlerinde habar berilýär. Onuň b.e. I asyryna degişli „Parfian duralgalary“ diýen işinde Eýrandan gelýän söwda ýoly demirgazyk Parfiýanyň üsti bilen (Köpetdagyň demirgazyk eteklerinden, Nusaýyň üsti bilen Apawarktika) göni Merwe barýanlygy aýdylýar. Orta asyrlara degişli arap awtorlarynyň belleýşine görä, olaryň döwründe Eýrany Orta Aziýa bilen we ondan aňry gündogar welaýatlar bilen birikdiren şäher Saragt bolupdyr. Olaryň göz öňünde tutýan ýoly Köpetdagyň günorta etekleri bilen Nyşapura, ondan Saragta we Merwe barypdyr. Bu ýoluň emele gelmegi Eýranyň gündogarynda uly şäheriň – Nyşapuryň we b. e. IV asyrynda Hazaryň gündogar eteginde – Dehistanda, özbaşdak döwletiň döremegi bilen bagly bolupdyr.

Beýik Ýüpek ýoly diňe söwda we diplomatiýa ýoly bolman, eýsem medeniýetleriň, iş usullarynyň, tehnologiýalaryň, sungatlaryň we dinleriň ýaýramagyna, dünýä halklarynyň medeniýetleriniň baýlaşmagyna uly kömek edipdir. Bu ýol halklaryň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklaryň göreldesini berip, zehinli taryhçylaryň, geograflaryň, syýahatçylaryň peýda bolmagyna getirýär. Ony biz Türkmenistanyň mysalynda hem görýäris. Gadym döwürlerden bäri bu ýerde ýaşaýan ilat ýakyn we alys ýurtlar bilen gatnaşyp ähli ugurlarda üstünlikleri gazanyp bilipdirler. Ýurt ylym adamlarynyň, filosoflaryň, şahyrlaryň mesgenine öwrülipdir. Mahmyt Gaznalynyň, seljuk türkmenleriniň soltanlygynyň, Köneürgenç soltanlygynyň döwründe türkmenler bütin yslam dünýäsinde ylmyň, edebiýayň, süngatyň ösmegine saldamly goşant goşup gelen. Olar hoşniýetli gatnaşyklaryň tarapdary bolup çykyş edenler. Türkmenleriň ýörelge edinýän parahatçylyk söýüji syýasaty adalatlylygy, ynsanperwerligi, olara orta asyrlarda Aziýanyň, Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Afrikanyň ähli künjeklerinde onlarça döwletleri, şol sanda beýik soltanlyklary gurmaga kömek etdi.

Türkmen halkynyň ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň hem daşary we içeri syýasatynyň many-mazmunyny kesgitleýär.

Şonuň üçin ylym-bilime hemaýat, medeni mirasy gorap saklamak döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolýar. Şu syýasat esasynda ýurdumyzda medeni-taryhy ýadygärlikleri gorap saklamak, medeni mirasy öwrenmek we halka ýaýmak babatda ençeme işleriň başy başlandy. Bu ýerde netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Netijede, 1999-njy ýylda gadymy Merwiň, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň ýadygärlikleri, 2007-nji ýylda gadymy Nusaý galasy UNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Bu ugurda ýurtda alnyp barylýan köpugurly işleriň netijesinde uly açyşlaryň üstünden baryldy. Muňa belli arheolog W.I. Sarianidiniň gadymy Marguş ýurdunyň paýtagty hasaplanýan Goňurdepede geçiren gazuw-agtaryşlarynyň netijesinde dünýä medeniýetleriniň öň ylma näbelli bolan täze ojagynyň – Margiana siwilizasiýasynyň üstüniň açylmagy mysal bolup biler.

Türkmenistan, görşümiz ýaly, ençeme döwletleri, medeniýetleri, siwilizasiýalary dünýä beren toprak. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze geosyýasy doktrinasy ýurduň amatly geografiki ýerleşişini göz öňünde tutup, halkyň taryhynyň dowamynda toplan baý medeni mirasyna esaslanýar. Bu doktrina ylmy häsiýete eýe bolýar. Ýurduň galkynýan döwründe öňe sürülýän geosyýasat reallyk syýasaty bolýar. Ol türkmen halkynyň geçmişde dünýäde tutan ornuny, Garaşsyzlyk ýyllarynda döränTäze mümkinçilikleri, häzirki dünýäniň çylşyrymlylyklaryny, gapma-garşylyklaryny, köpölçegliligini bolşy kimin görýär we bar bolan mümkinçiliklerden gözbaş alýar. Ýurt Ýolbaşçysynyň öňe sürýän oýlanşykly syýasaty bar bolan ähli täzelikleri, adaty garaýyşlardan daşary çykýan pikirleri öwrenmäge we kabul etmäge açyk. Ol döwrüň talabyny kanagatlandyrmaýan garaýyşlary üýtgetmeklikden çekinmeýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 24-ine Nýu – Ýorkda „Ýewraziýa grup“ guramasynda işewürler bilen bolan duşuşykda: „... meniň prezidentlik maksatnamam oňyn goşmaçalar üçin hemişe açykdyr“1 diýip belledi.

Türkmen döwleti, bilşimiz ýaly, Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ykdysadyýetde Açyk gapylar syýasatyny, daşary syýasatda bolsa, hoşniýetli Bitaraplyk syýasatyny öňe sürdi. Döwletimize 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplyk derejesi berildi. Türkmenistanyň hakykatdan hem dünýäniň ýurtlaryna açyk bolmaklygy üçin ýurduň geosyýasy ýerleşişiniň amatlylyklaryny ulanmak maksady bilen gerek bolan aragatnaşyk kommunikiasiýa ulgamlary döredilip başlandy. 1994-nji ýylda Aşgabatda dünýä standartlaryna gabat gelýän aeroport toplumy işe girizildi. 1996-njy ýylyň maýynda Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly açyldy. Daşary ýurt inwestisiýalaryny çekmeklik üçin aragatnaşyk serişdeleri ulanylyp, myhmanhanalar gurulyp başlandy. Aşgabat şäheriniň sebitde ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegi üçin amatly şertler emele gelýär.

Şu we beýleki başlangyçlar täze Galkynyş eýýamynda has ösdürilip bu ýerde bar bolan ähli mümkinçilikler doly açylyp, Türkmenistanyň dünýä birleşiginiň derwaýys meselelerini çözmeklikde işewirligi ardyryldy. Bu döwürde Türkmenistanyň geosyýasy ýerleşişiniň artykmaçlyklaryny ýurduň we umuman,

adamzadyň peýdasyna işewür ulanmaklyk meselesi has düýpli we toplumlaýyn çözülip başlandy.

## Halkara demir ýollarynyň gurluşyklary.

2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Demirgazyk-Günorta geçelgesi boljak Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gorgan halkara demir ýolunyň gurluşygyna başlandy. Bu ýol Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň territoriýasyndan geçmek bilen ykdysady taýdan bähbitli, onlarça ýurtlar üçin möhüm tranzit marşruty bolar. Tutuş Ýewropa, Russiýa, Merkezi Aziýa ýurtlary gysgaldylan marşrut arkaly günorta deňizlerine çykmaga mümkinçilik alarlar. Öz gezeginde şeýle mümkinçilik Pars aýlagynyň ýurtlaryna demirgazyk ugur boýunça dörär.
Türkmenistan döwlet Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap milli ykdysadyýeti ösdürmegiň ägirt uly meýilnamalaryny işläp düzdi we ony durmuşa geçirmäge girişdi. Ýurduň ulag pudagyny giňişleýin ösdürmek, döwlet we halkara ähmiýetli ýollary gurmak boýunça iri taslamalar şolaryň hatarynda uly orun eýeleýär.

Ýurdumyzyň demir ýol ulgamyny ösdürmek baradaky tagallalar özüniň netijesini berýär. Munuň şeýledigine Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlup ulanmaga berlen Tejen-Sarahs-Maşat, Türkmenabat-Atamyrat, Aşgabat-Daşoguz demir ýol şahalary hem subyt edýär. Tejen-Sarahs-Maşat demir ýol liniasyny gurmak boýunça ykdysady hyzmatdaşlyk etmek barada baglaşylan şertnamanyň Orta Aziýa regionynyň ýurtlary bilen baglaşylan ilkinji halkara şertnamasy bolandygy nusga alarlykdyr. Şol şertnama 1991-nji ýylyň dekabrynda baglaşyldy, şol gurluşyk bolsa ýeke-täk Transaziýa magistralyny emele getirmäge ýardam etmelidir. Şonuň üçin bir wagtyň özünde bu liniýany Maşada çenli uzaltmak barada Eýran Yslam respublikasy bilen ylalaşyk gazanyldy.

Ýurdumyzyň demir ýol ulgamyny ýokary derejede ösdürmäge badalga berýän başlangyçlar ýurdumyza uly ykdysady peýda getirýär. Uzynlygy 320 kilometr bolan bu ýoluň 132 kilometri Türkmenistanyň çäginden geçýär. Ykdysatçylaryň hasaplamalary boýunça, bu demir ýol magistralynyň ulanylyp başlanmagy bilen Türkmenistanyň öňünde diňe şol demir ýol liniýasy boýunça tranzit gatnawlary üçin her ýylda azyndan 20 million amerikan dollaryna barabar sap peýda almak mümkinçiligi döreýär. Gündogardan Günbatara, Ýaponiýadan, Günorta Koreýadan, Hytaýdan, Gazagystan, Türkiýeden we beýleki ýurtlardan hem-de gaýdyşyn Ýewropadan Türkmenistanyň üsti bilen Ýakyn we Orta Gündogaryň hem-de Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlaryna millionlarça tonna ýükler geçiriler.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde gurlan demir ýollaryň ýene-de biri Türkmenabat-Atamyrat demir ýoludyr. Bu ýoluň gurlup ulanylmaga berilmegi bilen, ýurdumyzyň Gündogar sebitine ýükleriň daşalmagy hem-de Gündogar etraplarda özleşdirilen magdan känlerinden gazylyp alynýan önümleri çekmekde, raýatlaryň gatnawlaryny aňsatlaşdyrmakda bu demir ýol hem ägirt uly ykdysady

ösüşlere eýedir. Geljekde bu ýoluň dowamyny goýjak Atamyrat-Kerkiçi demir ýol we gara ýol köprüsiniň gurulmagy munuň ähmiýetini has-da artdyrýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde gurlan ýollaryň başga bir şahasy Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýoludyr.Aşgabat-Daşoguz arlygynda Garagum çölüniň içi bilen 540 kilometre uzalyp gidýän demir ýoluň ugrunda onlarça stansiýalar gurulyp olaryň töwereginde oba-kentleriň peýda boljakdygyny, maldarçylygyň ösdüriljekdigini hem-de raýatlarymyz üçin iş ýerleriniň köpeljekdigini bellegimiz gerek. Ýurdumyzyň ykdysadyýetine uly goşant goşjak bu demir ýol halklary biri-birne has ysnaşdyrjak ýol bolar.Hakykatda munuň özi „Beýik ýüpek ýoluny“ dikeltmek boýunça ilkinji we örän möhüm ädim boldy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistan gyzyklanýan ýurtlar bilen „Demirgazyk-Günorta“ ulag koridoryny döretmek baradaky taslamany işläp taýýarlamaga başlady, şol ulag koridory boýunça bolsa, ulaglar Günorta Ýewropanyň ýurtlaryndan Türkmenistanyň üsti bilen Eýrana we soňra Pars aýlagyndaky ýurtlara gitmeli. Baryp geçen asyrda Russiýanyň Patyşasy Aleksandr I döwründe hem soňra Hindi okeýanyna çykarmak maksady bilen demir ýoluny Guşgynyň üsti bilen Eýrana ýetirmek barada uly proýekt döredilipdir. Mahlasy, şunuň ýaly taslamanyň işlenilip taýýarlanmagy Russiýanyň has irki taryhy gyzyklanmasydyr. Hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň hiç bir harby bloklara gatnaşmaýandygy we Russiýanyň Günorta sebitlerinde Bitaraplyk ýagdaýyny döredýändigi hem örän möhümdir.

Türknistanyň iň Günorat nokady bolan Serhetabatdan Pakistana çenli demir ýol liniýasyny gurmagyň Taslamasynyň durmuşa geçirilmegi hem „Demirgazyk-Günorta“ ulaglar sistmesyny döretmekde möhüm rol oýnaýar, şol demir ýol liniýasy bolsa diňe bir Pakistanyň däl, eýsem tutuş Hindistan subkontinentiniň demir ýol sistemasyny Transaziýa magistraly bilen birleşdirmäge we şonuň üsti bilen Hind okeýanyndan Ýewropa ýurtlaryna göni gatnawy açmaga mümkinçilik berer. Möhüm ulag-üstaşyr ugurlaryň çatrygynda ýerleşýän Türkmenistanyň amatly geografiýa ýagdaýy Aziýa we Ýewropa kontinenti bilen özara peýdaly giň hyzmatdaşlygy ösdürip, ýurduň ykdyasdyýetini ösdürmek üçin uly mümkinçilikler açýar. Häzirki wagtda Aziýada we Ýewropada hil taýdan dünýä derjesine gabat gelýän, assortimenti öndürilýär. Bu öndürilen harytlary gysga wagtyň içinde Merkezi Aziýanyň we Ýewropanyň bazarlaryna ýetirmekde Türkmenistanyň ulag ulgamy we tebigy ýerleşişi örän uly ähmiýete eýedir.

Ýewropany we Aziýany birleşdirýän demir ýoluň täze Demirgazyk-Günorta şahasyny döretmek baradaky pikir hormatly Prezidentimiz tarapyndan Türkmenistanyň,Russiýa Federasiýasynyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda 2007-nji ýylyň ýazynda Türkmenbaşy şäherinde geçirilen ýokary derejeli duşuşykda öňe sürüldi. Soňra Tähranda geçirilen gepleşikleriň barşynda Eýranyň Prezidenti Mahmud Ahmadinežad hem bu teklibi doly goldaýandygyny mälim etdi. Transaziýa demir ýol ulgamyny has gysga ýol bilen Pars aýlagyna çykmaga mümkinçilik berýän bu taslama sebitiň ähli döwletleri, şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri hem uly gyzyklanma bildirdiler.2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda bolsa taslama gatnaşýan üç döwletiň demir ýol edaralarynyň

ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilen hökümetara ylalaşyk bilen taslama durmuşa geçirmegiň hukuk binýady döredildi.

Demirgazyk-Günorta demir ýoly gazak düzlüklerinden başlap, Garagum çölüni kesip geçer we Eýranyň demirgazygyndaky Gülüstan welaýatynda demir ýoluň öň bar bolan şahasyna birikdiriler. Bu täze demir ýol şahasy Russiýanyň we Gazagystanyň üstünden Pars aýlagyna ýükleri daşamagyň ýoluny 700 kilometr gysgaldar. Şoňa görä-de taslama diňe bir oňa gatnaşýan döwletler üçin däl, eýsem transaziýa demir ýol ulgamynyň üstünden ýükleri daşaýan ähli döwletler üçin hem bähbitlidir.Şonuň üçin bu ýoluň üstünden daşaljak ýükleriň möçberiniň gysga wagtda artmagyna we 10 million tonnadan geçmegine, şeýlelikde köp möçberde girdeji getirmegine garaşylýar. Umumy uzynlygy 934,5 kilometre barabar bolan demir ýoluň esasy bölegi, ýagny 722,5 kilometri Türkmenistanyň çäginden geçýär. Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň başynda ýurdumyza sapary wagtynda iki döwletiň baştutanlary tarapyndan Demirgazyk-Günorta demir ýolunyň gurluşygyny çaltlandyrmak babatda möhüm ädimler ädildi. Gazanylan ylalaşyklaryň netijesinde, hormatly Prezidentimiz degişli karara gol çekmek bilen, ýurdumyzyň Demir ýol ulaglary ministrligine Eýranyň „Pars Enerji“ kompaniýasy bilen Gyzylgaýa-Bereket-Etrek demir ýolunyň goşmaça we sowma ýollary goşmak bilen umumy uzynlygy 325 kilometr bolan Bereket-Etrek böleginiň we Bereket stansiýasynda lokomotiw deposynyň gurluşygyny başlamaga ygtyýar berdi. Karara laýyklykda, demir ýoluň bu böleginiň gurluşygyna 2010-njy nji ýylyň ýanwarynda başlap, ýoluň gurluşygyny 2011-nji ýylyň dekabrynda tamamlamak bellenildi. Şeýle-de, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygynyň şanly senesine çenli Demirgazyk-Günorta demir ýolunyň gurluşygyny tamamlamak üçin ähli çäreleriň görülmelidigini aýtdy. Bu halkara demir ýoly Türkmenistany goňşy Eýran we Gazagystan bilen baglanyşdyrar hem-de Ýewropanyň we Aziýanyň ýyrtlarynyň arasynda halkara gatnawlary boýunça täze mümkinçilikleri döreder.

Demirgazyk-Günorta demir ýolunyň gurluşygy bilen dünýäniň köp döwletleri, şol sanda daşary ýurt kompaniýalary gyzyklanma bildirýärler. Olaryň hatarynda Russiýa Federasiýasy, Türkiýäni, Ýewropa döwletlerini, Katary, Özbegistany, Azerbaýjany bellemek bolar. Taslamany maliýeleşdirmek işine Yslam ösüş banky işjeň gatnaşýar.

Türkmenistany, Eýrany we Gazagystany birleşdirýän transmilli demir ýolunyň gurluşygy sebitde strategik we täjirçilik taýdan möhüm ähmiýete eýedir. Bu demir ýol şahasy döwletleriň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga we daşary söwdasyny giňeltmäge, eksport ýüklerini daşamagyň wagtyny 48 sagada çenli gysgaltmaga we harytlaryň ahyrky bahalaryny peseltmäge ýardam berer. Şeýle hem ol sebitiň döwletleriniň ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmäge itergi berer.

Eksport harytlarynyň gysga ýol bilen Pars aýlagyna çykmagy ykdysady taýdan örän bähbitlidir. Pars aýlagynyň portlary howa şertleri bilen baglylykda ýylyň dowamynda üznüksiz işleýärler. Onuň üsti bilen harytlary deňiz ulagy arkaly Hindistana, Ýewropa we dünýäniň beýleki sebitlerine eksport etmek mümkinçiligi giňeýär. Hut şonuň ýaly-da, bu ugur arkaly harytlary import etmegiň şertleri hem ýeňilleşýär.

Türkmenistan hem dünýä bazaryna özüniň öndürýän ýokary hilli önümlerini çykarmaga mümkinçilik gazanýar. Ylaýta-da Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mak biržasynyň söwdalaryna çykýan Türkmenistandaky nebit gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň önümleri dünýä bazarynda bäsleşik etmäge ukyply. Şol önümleriň eksportynyň geografiýasy günsaýyn giňeýär, türkmen koksyny Russiýadan, Täjigistandan, Eýrandan gelen telekeçiler uly höwes bilen satyn alýarlar; suwuklandyrylan gaz Owganystana, Eýrana, Pakistana, Gruziýa, Ermenistana ugradylýar; Ýaponiýa, Russiýä, Ispaniýa, Türkiýe, Eýran, Hytaý, Italiýa, Germaniýa, Şwesariýa polipropileni ýerlemek boýunça portnýorlardyr. Tehniki ýag Hindistana, Eýrana we Litwa iberilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan söwda ýolunyň möhüm çatrygy hökmündäki abraýyny dikeltmek ugrunda uly işleri amala aşyrýar. Söwda ýollary ny ýurduň üstünden geçirmek üçin häzirki zaman we amatly ýollaryň gurulmagy bu babatdaky çäreleriň möhüm bölegidir. Munuň özi diňe bir Türkmenistanyň ykdysady ösüşine täsir etmän, eýsem halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryna hem täsir edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ähli ýurtlar bilen iş ýüzünde özara gatnaşyklaryň netijeli mehanizmi bilen berkidilen giň halkara hyzmatdaşlygy we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatynyň başyny başlady.
Şonuň netijesinde düýpli durkunyň täzelenmegi we döwrebaplaşdyrylmagy bilen, üçünji müňýyllygyň başynda Hazaryň kenarynda iri häzirki zaman senagat kärhanalary ösüp ýetişdi. Täze ýangyç we nebit himiýa önümçilikleri, bu ýerde Ýaponiýadan, Germaniýadan, ABŞ-dan, Fransiýadan, Türkiýeden, Eýrandan, Ysraýyldan bolan esasy kompaniýalaryň gatnaşmagy bilen gurlan ýokary oktantly benzin, gidroarassalanan dizel ýangyjyny öndürmek boýunça gidroarassalaýyş hem-de katalitik riformingi, milli sekunt katalitik krekingi, polipropilen toplumy we çalgy ýaglaryny öndürýän zawod özüniň tehniki hem-de tehnologiki häsiýetnamalary bilen özboluşlydyr.

Türkmen halkynyň bähbitlerine laýyk gelýän bu mehanizm hyzmatdaşlygyň köp görnüşliligini üpjün edýär, möhüm döwletara energetiki we kommunikasion taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär, sebitleýin özara gatnaşyklaryň ähmiýetini güýçlendirýär. Şeýle gatnaşyklar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüş depginini çaltlandyrmaga gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz-tagallasy, parasatly syýasaty netijesinde bu il bähbitli işleri çalt depginde amala aşyrmak maksady bilen ýurdumyzda täze demir ýollar gurmak göz öňünde tutulýar. 2007-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda halkara ähmiýete eýe boljak Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen, ýagny "Demirgazyk-Günorta" demir ýol geçelgesini gurmak öňe sürüldi. Täze ýollary gurmak babatynda ýerine ýetirýän ähmiýetli işleri üçin dünýä döwletleri Türkmenistana örän uly baha berýärler. Türkmenistanyň çäginde uzaýan demir ýol şahasy bütin dünýä boýunça çar ýaňa uzaýan polat ýollaryň möhüm çatrygynda ýerleşýär we halkara gatnawynda möhüm orny eýeleýär. Ýurdumyzda gurlan we gurulýan polat ýollar sebitiň döwletlerine uzak möhletde hyzmat etjek wajyp desgalardyr. Şeýle ýollaryň gurulmagy bilen Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň kuwwatly şu gününiň we geljeginiň düýbi tutulýar, sebitiň ykdysady ösüşine möhüm goşant goşulýar. Ilki

bilen sebitiň ýerasty baýlyklary özleşdiriler. Gymmat bahaly reňkli metallary, daş kömri gazyp almak, sement we kaolin öndürmek üçin çig mallaryň, inert materiallaryň gorlaryny özleşdirmäge giň mümkinçilik açylar. Amatly üstaşyr ýük gatnawlary ösdüriler. Ýewropanyň, Orsýetiň hem-de Gazagystanyň Hindi umman zolagyndaky döwletler bilen ygtybarly we amatly ulag ugry emele geler.

Balkan welaýatynyň çet etraplarynyň we obalarynyň ilatynyň hem-de halk hojalygynyň arzan ulaga bolan islegi kanagatlandyrylýar. Syýahatçylyk üçin täze mümkinçilikler döräр. Bu ýollaryň ugrunda dürli tebigy ýadygärlikler: Gara tegelek, Topýatan, Ýasha-süýji suwly köller, duzly köller, mineral çeşmeler, karst gowaklary, dürli reňkli gatlaklardan emele gelen kertler we çuň jarlar tory, duz çöl releptleri, uly şorluklar bar. Maşady Misserian düzlüginde taryhy-medeni ýadygärlikler toplumy ýerleşýär. Ýokarda agzalan süýji suwly kölleriň suwlaryny netijeli ulanmaga mümkinçilikler döräр.

Merkezi Aziýa döwletleri, şol sanda Türkmenistan Ýewropanyň we Pars aýlagyndaky döwletler bilen gatnaşyklary ösdürer, ýurtlaryň arasyndaky haryt dolanşyklary artar. Olaryň bahasy kadalaşar, peseler. Netijede bolsa ykdysady we medeni gatnaşyklara oňaýly täsirini ýetirer.

Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda guruljak Hazarýaka ýüpek-ýoly sanlyja ýyldan goýlan maýa goýumlary ödemek bilen çäklenmän türkmen ykdysadyýetiniň mundan beýläk pugtalanmagyna öz täsirini ýetirer. Demirgazykdan Günorta uzajak iň gysga we ygtybarly ýoly bina etmek bilen XXI asyrda “Beýik ýüpek” ýolunyň polatdan nusgasy döräр.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň hemmesiniň türkmen halkynyň durmuşyny düýpli gowulandyrmaga, maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Türkmen lideri Hazarýaka gaz magistralyny özleşdirmek, Ýewropany Pars aýlagy bilen birleşdirjek, Balkan welaýatynyň territoraýasyndan geçiriljek Demirgazyk-Günorta demir ýoluny gurmak, hazaryň kenar ýakasynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny döretmek ýaly iri möçberli toslamalary mysal hökmünde getirmek bolar.

Bu babatda ýurdumyzyň ägirt uly energetiki potensialy möhüm faktorlaryň biri bolup hyzmat edýär. Türkmenistan bolsa şol potensialy öz energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň köp görnüşli prinsiplerine ygrarly bolup, ähli adamzadyň gullugyna goýmaga çalyşýar. Türkmenistan şu maksatlaryň hatyrasyna mundan beýläkde iri we abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda BMG, şeýle hem YHHG, Ýewropa bileleşigi we beýlekiler bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk eder.

“Türkmenistan dünýäniň iň wajyp çatrygynda ýerleşmek bilen,ýer ýüzüniň uglewodorot çig mal zapaslarynyň dörtden birine eýedir we tebigy gazyň zapaslary boýunça dördünji orunda durýar.Şu ýagdaý hem biziň alyp barýan bitarap syýasatymyzyň dogrudygyny subut edýär. Sebäbi bu Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerleşişini nazara almak bilen, halkara hyzmatdaşlygynyň bähbitlerine doly laýyk gelýär”. Bu halkara demir ýol liniýasynyň gurulmagy ne tijesinde Russiýadan ýükleri Pars aýlagynyň bazarlaryna we Hind okeanynyň bazarlaryna eltmegiň möhleti 14 gije-gündize barabar kemeler.

**Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň sebitde sazlaşykly ösüşiň üpjün edilmegindäki ähmiýeti.**

Garaşsyzlyk döwründe Türkmenistan Watanymyzyň jemgyýetçilik, syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda , Türkmenistan döwletimizi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna goşmak, onuň halkara at-abraýyny, mertebesini öňküden-de belende götermek, halkymyzy has bolelin, asuda durmuşda ýaşatmak üçin, asyrlara barabar işler durmuşa geçirildi.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan öňden görüjilikli syýasaty netijesinde türkmen topragynyň gadymy şan-şöhratyny dikeltmek ugrunda tutumly işler amala aşyryldy. Muňa "Awaza" milli syýahatçylyk dynç alyş merkeziniň görkezmek hem ýeterlik mysal bolup biler.

Ilkinji gezek "Awaza"milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky pikir 2007-nji ýylyň 12-nji maýynda Türkmenbaşy şäherinde Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Wladimir Putiniň we Nursultan Nazarbaýewiň gatnaşmagynda geçirilen üçtaraplaýyn gepleşikleriň barşynda öňe sürlüpdi.Giň jemgyýetçilik we halkara seslenmesine eýe bolan bu pikir eýýäm iki aýa golaý wagt geçenden soň-2007-nji ýylyň 21-nji iýulynda iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlandy.Hut şol ýerde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow "Awaza" milli syýahatçylyk zolagy hakyndaky"Karara gol çekdi.

Türkmenbaşy şäherinde ýurdumyzdaky ilkinji milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi ýakyn onýyllyklarda Türkmenistany ösdürmegiň strategik meýilnamalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we diňe bir Hazarýaka sebiti üçin däl, eýsem, tutuş ýurdumyz üçin hem örän uly ähmiýete eýedir.

Şäherleriň, döwletleriň möhüm halkara söwda ýolunyň ugrunda ýerleşmegi, olaryň söwda we ykdysady gatnaşyklarda uly ähmiýete eýe bolmagy olaryň ösmegine asyrlar boýy öz täsirini ýetirip gelipdir. Adamzadyň aňynyň ösmegi, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi bilen ykdysadyýetde täze bir pudak syýahatçylyk pudagy ýüze çykypdyr. XX asyryň ikinji ýarymynda adamzat taryhynda durnukly ösüşler başlandy, ylmyň, tehnologiýanyň, senagatyň ösüşinde uly üstünlikler gazanyldy. Ýer ýüzünde asudalygy gorap saklamak ugrunda dürli işler durmuşa geçirildi.Dürli yklymlarda, dürli ýurtlarda ýaşaýan adamlar özleriniň zähmet çekip rehnedini görmegi, medeniýetli dynç almagy, dünýäniň gözel ýerlerine syýahat etmegi ýola goýdular, bu bolsa ykdysadyýetde täze bir pudagyň-syýahatçylygyň kemala gelmegine getirdi.Türkmenistanda adamzat siwilizasiýasynyň ösüşi üçin ähmiýetlilikde Müsür piramidalary bilen bäsleşip biljek Altyndepe, Nusaý galasy, gadymy Merw, Köneürgenç ýaly ençeme taryhy-medeni ýadygärlikler bar. Şonuň ýaly-da, Haktagallanyň nazary düşen Diýarymyzda gözellikde we tämizlikde Gündogar Ýewropa düzlükleri bilen deňleşip bilýän Bathyz, Repetek, Köýtendag tebigy goraghanalary ýaly awlaglaryň, jana ýakymly, şypalylykda dünýäniň islendik şypahanalary bilen bäsleşip biljek Mollagara, Arçman, Baýramaly,Gaýnarbaba, Awaza ýaly ençeme şypahanalaryň bolmagy syýahatçylygyň ösmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Syýahatçylyk bir tarapdan medeniýetiň, medeni dynç alyşyň bir

görnüşine öwrülen bolsa, ikinji tarapdan syýahatçylygy ösdürmek üçin zerur tebigy şertleri bolan döwletlerde ykdysadyýetiň iň bir girdejili pudagyna öwrüldi.Diýmek, syýahatçylyk we dynç alyş industriýasynyň ösmegi, diňe bir sportuň we medeni-dynç alyş ulgamynyň ösdürilmegini aňlatmaýar-da, eýsem, ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklige, transmilli ulag we aragatnaşyk kommunikasiýalaryny, ýük daşaýşy, şeýle hem erkin ykdysady zolaklar çygryny ösdürmeklige örän uly ýardam berýär.

Syýahatçylyk we dynç alyş industriýasynyň, ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekdäki tutýan orny baradaky halkara maglumatlar seljerilende, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen hödürlenýän syýahatçylyk hyzmatlarynyňň. şol sanda myhmanhana hyzmatlarynyň we işiň oňa ugurdaş görnüşleriniň hilini ýokarlandyrmak baradaky wezipeleri toplumlaýyn çözmek, syýahatçylygyň halkara standartlaryna laýyk gelýän edara-kärhanalaryny ösdürmek, şeýle hem dynç alyş zolaklaryny emele getirmek we raýatlara boş wagtyny netijeli geçirmek hem-de maýadarlar üçin amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmek maksady bilen döredilen “Awaza”  milli syýahatçylyk zolagynyň näderejede ähmiýetlidigini has aýdyň görmek bolar.

Awaza erkin telekeçilik zolagy diýlip ykrar edilendir. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň ykdysadyýet üçin peýdaly taraplary bolsa, onuň ilkinji nobatda, ýurduň içerki öndürilýän harytlarynyň eksportynyň möçberiniň artmagyna ýol açýanlygyndadyr. Bu zolaklaryň hereket etmeginiň ikinji bir peýdaly tarapy, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň uzagyndan milli hem-de daşary ýurtly işewürleriň maýalarynyň dolanyşygyny özňnde jemläp, ahyrynda halkara söwda ulgamynyň möhüm bölegine öwrülýänligidir. Beýle ýagdaý bolsa, zolagyň ýerleşýän çäginde syýahatçylygyň ösmegine, kommunikasion ulgamlaryň kämilleşmegine, goşmaça myhmanhanalaryň, medeni-dynç alyş we senagat desgalarynyň gurulmagyna, ýük daşaýyş hyzmatlarynyň möçberiniň artmagyna hem-de hiliniň ýokarlanmagyna getirýär.

Erkin ykdysady syýahatçylyk zolaklarynyň halklary ýakynlaşdyrýandygyny, daşary ýurt maýasynyň akymyna ýardam edýändigini, ýurdy ösdürmäge we gülledip ösdürmäge kuwwatly itergi  berýändigini Ýewropanyň we Aziýanyň köp sanly ösen syýahatçylyk ýurtlarynyň tejribesi görkezýär.

“Awaza” milli syýahatçylyk Merkrzinde yzygiderli geçirilýän ylmy-amaly maslahatlardad, halkara forumlarda Türkmenistanda syýahatçylygy, telekeçiligi ösdürmek ýaly asylly işleri durmuşa geçirmek hakynda pikir alşylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, gadymy Hazaryň kenarynda döredilen milli syýahatçylyk zolagynda telekeçilik işiniň dürli görnüşleri bilen meşgullanýan daşary ýurt işewürleri üçin erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna mahsus bolan ähli ýeňillikli şertleriň berilmegi göz öňünde tutulýar.Ol amatly şertler,”Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda işlemek üçin Türkmenistana gelýän daşary ýurtly hünärmenlere we işçilere zolakdaky desgalar gurulýan hem-de ulanylýan döwründe geliş ygtyýarnamalary we rugsatnamalary bellenen tertipde gyssagly resmileşdirmekden, şol daşary ýurt raýatlaryny konsullyk, hasaba alyş we rugsatnama üçin alynýan ýygymlardan boşatmakdan, şonuň ýaly-da, milli

syýahatçylyk zolagynyň desgalaryny gurýan we ulanýan ýuridiki şahslary zolagyň çäginde durmuşa geçirilýän maýa goýum taslamalaryny hasaba alyş ýygymlaryny almazdan, döwlet tarapyndan hasaba almakdan, daşary ýurtly maýadarlaryň milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde Türkmenistana dahylly edilen hyzmatlardan manatlarda alan sap peýdasyny erkin ýörgünli daşary ýurt puluna öwürmegi üpjün etmekden we şu görkezilenlere meňzeş ençeme ýeňilliklerden ykdysady şertleriň döredilmeginden ybarat bolup durýandyr.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Hazaryň kenarynda açylan halkara howa menziliniň,”Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda kuwwatly 254 megowat bolan elektrik stansiýasynyň, kuwwatlygy 35 müň kubmetr bolan suwy süýjediji desganyň we kenarynda restoranlar, köprüler we beýleki desgalar ýerleşdirilen emeli derýanyň açylyp, ulanylmaga berilmegi bolsa Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň göwher şamçyragy deýin lowurdap duran “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň milli ykdysadyýetimiziň dünýäniň döwletleriniň ykdysadyýetleri bilen deňleşmäge tarap äden ýene-de bir möhüm ädimi bolup hyzmat eder.

## 3. Türkmenistanda döwletiň demografiki syýasaty we demografiki aýratynlygy

Türkmenistanyň demografiki meseleleri bilen baglanşykly meselelere geçmezden ozal demografiýa baradaky umumy düşünjeleriň üstünde durup geçeliň. Demografiýa (demos - halk we grapho - ýazýaryn diýen grek sözlerinden) ilaty öwrenýän ylymdyr. Ilat belli bir çäkde (obada, şäherçede, etrapda, şäherde, welaýatda, ýurtda, sebitde, yklymda we tutuş dünýäde) ýaşaýan adamlaryň köplügidir. Ol wagtyň dowamynda sany azalyp ýa-da köpelip bilýän we düzümi üýtgäp durýan köplük bolýar. Haýsy hem bolsa bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgemegi köp hadysalar bilen bagly bolýar. Ýöne olaryň içinde: çaga dogluşynyň derejesiniň ýokary ýa-da pes bolmagy; ölýän adamlaryň sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy; göçüp gelýänleriň (ýa-da göçüp gidýänleriň) sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy has täsirli bolýarlar.

Demografiki özgeriş belli bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgeýşi bolýar. Bu özgeriş dürli çäklerde dürli hili bolýar. Demografiki özgeriş sosial özgeriş bilen bagly bolýar. Bu ýerdäki meseleleri demografiýa bilen bir hatarda sosiologiýa ylmy hem öwrenýär. Demografiýa we sosioligiýa ylymlary çaga dogluşynyň derejesiniň maşgalanyň sosial görnüşi, çaganyň „gymmatlylygy“, çaga dogluşyny kadalaşdyrýan däp-dessurlar bilen baglanyşygyny öwrenýärler. Şonuň ýaly-da bu ylymlar ölüm hadysasynyň saglygy goraýyş, daşky gurşawyň hapalanmagy, zähmet we durmuş şertleri bilen baglanyşygyny derňeýärler. Bu ýerde ähli zat wajyp: çaga dogluşy, ölüm, nika, nikany bozma, migrasiýa we başgalar. Görkezilen düzümleriň her biri ilaty aşaky görkezijiler bilen häsiýetlendirýär: jynsy, ýaşy, maşgala ýagdaýy, dogulan ýeri we ýaşaýan ýeri. Olar birmeňzeş bölekleriň arasyndaky gatnaşyklary we baglanşyklary aňladýarlar. Bu gatnaşyklar kä halatlarda iki ýa-da ondan hem köp taraplar bilen sazlaşdyrylyp biliner.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi iki tarapyň sazlaşygy bolýar. Birinjisi haýsy hem bolsa bir çäkde (ýurt, sebit) erkekler bilen aýallaryň arasyndaky gatnaşyk, ikinjisi bolsa, dürli ýaşdaky adamlaryň arasyndaky gatnaşyk. Kä halatlarda bu düzümleri biologiki düzüm hökmünde düşündirýärler. Dogrudan hem aýratyn adamlar hökmünde erkek bilen aýalyň ýa-da çaga bilen ýaşulynyň arasyndaky tapawut biologiki esasa eýe bolýar. Ýöne adamlaryň jyns we ýaş baglanşygy boýunça bölünişi sosial ösüşiň netijesi bolýar. Biologiýa näme sebäpli oglanlaryň gyzlardan kän dogýanlygyna garamazdan netijede dünýäniň köp ýurtlarynyň ilatynyň düzüminde aýallaryň erkeklerden artykmaçlygyny düşündirip bilmeýär.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi ýa bir aýratynlygy (jynsy ýa-da ýaşy), ýa-da iki aýratynlygy bilen hem häsiýetlendirilip biliner. Birinjide ilaty üç topara: 0-14 ýaş (çagalar), 15-49 ýaş (ýaşlar we orta ýaşlylar) we 50 ýaş we ondan ýokary (ýaşuly nesil) bölmek gyzyklanma bildirýär. Olaryň arasyndaky aragatnaşyk ilatyň ýaşy boýunça düzümini häsiýetlendirýär. Şu üç topary öz içine alýan ilatynyň düzümini derňemeklik diňe bir ýurduň zähmet potensialyny görkezmeklige däl, eýsem onuň ösüşiniň hereketliligini hem açmaklyga mümkinçilik berýär. Düzüm näçe oňaýly bolsa, şonça-da onuň ösmeklige ukyby güýçli bolýar. Şu nukdaýnazardan Türkmenistanda demografik özgerişi oňaýly diýip häsiýetlendirse bolar. Türkmenistanyň ilatynyň köp bölegini çagalar we ýaşlar düzýärler. 1999-njy ýylda, mysal üçin, 25 ýaşa çenli adamlar umumy ilatyň sanynyň 76 göterimine, ilatyň orta ýaşy 63-e deň boldy.

Ilatyň düzümini jyns tapawudy bilen öwrenmeklik ony ýaşy boýunça öwrenmeklikden az ähmiýete eýe bolmaýar. Ol bir tarapdan öndüriji güýçleri ýerleşdirmeklige kömek etse, ikinji tarapdan, çäkde ilaty kemala getirmeklige kömek berýär. XX asyryň ortalarynda ikinji jahan urşy sebäpli ilatyň jyns düzüminiň bozulmagy, asyryň soňundaa kadalaşýar. Eger 1951-nji ýylda aýallar ýurduň ilatynyň 56% deň bolan bolsa, 1979-njy ýylda 50,9% deň bolýar. 1999-njy ýylda bu görkezijiler ýokarkylara laýyklykda 50,4% we 49,6%.

Ilat diňe bir kesgitli ýaşdaky we jynsy boýunça tapawutlanýan adam topary bolman, eýsem, adamlary birikdirýän maşgalalar hem bolýarlar. Ilatyň maşgala düzümi sany, möçberi, maşgalanyň düzümi, olaryň agzalarynyň özara baglanşygy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Ilatyň maşgala düzümi derňelende, maşgala garyndaşlyk we nika esasynda birigen, umumy girdejä eýe bolan adamlaryň topary diýip düşünilýär. Şu hili kesgitleme, mysal üçin, ilat ýazgysy geçirilende kabul edilýär. Häzirki döwürde türkmen maşgalasyny giňeldilen maşgala diýip hasap etse bolar. 1999-njy ýylda, mysal üçin, maşgalanyň ortaça möçberi 5,3 adama deň bolup, 7 we ondan köp adamy öz içine alýan maşgalaryň sany umumy maşgala sanynyň 29% deň boldy. Bir adamdan durýan maşgalanyň sany 6% deň.

Türkmen jemgyýetinde maşgalanyň orny örän belent bolýar. Türkmen halky maşgalanyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny saklap galyp bilipdir. Bu ýerde saklanyp galan däp-dessurlar döwletiň milli medeni gymmatlyklary bolýarlar. Maşgaladaky asudalyk, agzybirlik hem-de düşünişmeklik jemgyýetiň abadançylygynyň çeşmesi bolýar. Nesil terbiýesi maşgaladan başlanýar. Maşgalada gatnaşyklaryň köpugurly görnüşleri kemala gelýär we dürli meseleler çözülýär. Maşgalany berkitmeklik bar

bolan demografiki meseleleri çözmekligiň esasy şerti bolýar. Türkmenistan döwletiniň demografiki syýasatynyň esasy wezipesi hem şonuň bilen bagly bolýar.

Demografiki syýasat, bilşimiz ýaly, jemgyýet üçin bähbitli oýlanşykly demografiki özüňi alyp baryşy kesgitlemeklige gönükdirilen sosial çäreleriň ulgamy bolýar. Bu ýerde „demografiki özüňi alyp baryş“ diýen düşünje maşgalanyň çaga öndürmeklikde özüni alyp barşyny aňladýar. Ýurtda çaga dogluşynyň görkezijileri durnukly saklanýar. Galkynyş eýýamynda türkmen maşgalasynyň sütünlerini gorap saklamak we berkitmek, onuň maddy üpjünçiligini gowulandyrmak döwletiň sosial syýasatynyň esasy ugruna öwrüldi. Döwlet eneligi, çagalygy we maşgalany goramagy kepillendirýär. Şu meselede ýaş maşgalalara kömek bermek maksady bilen 2009-njy ýylyň 6-njy martynda „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler girizildi. Oňa laýyklykda çaga doglanda berilýän puluň möçberi ýokarlandyryldy. Munuň üçin her ýyl 230 million manatdan gowrak manat pul göýberilýär. Maddy kömek bermek bilen bir hatarda döwlet ýaş maşgalalaryň elýeterli jaý bilen, şeýle hem ýaşlary hünärleri boýunça iş bilen üpjün etmeklige ýardam bermekligi öz üstüne alýar. Şu ýerde ýurtda orta mekdebi gutarýan ýaşlara hünär almaklary üçin ýeňillikleriň göz öňünde tutylandygyny hem-de ähli pudaklarda we ýerlerde hünär berýän mekdepleriň we hünär okuwlarynyň giňelýändigini bellemeklik gerek. Şu we beýleki çäreler mümkin bolan oňaýsyz demografiki ýagdaýlary aradan aýyrmaklyga esaslary döredýär.

Ýakyn geljekde ýurtda ilat ýazgysynyň geçirilmegi döwletiň demografiki syýasatyny ylmy esada gurnamaklyga täze esaslary döreder. Ylmy esasda gurnalan demografiki syýasat bolsa oňaýsyz demografiki ýagdaýlaryň öňüni almak, sosial meseleleri çözmek bilen bir hatarda ykdysady we medeni meseleleri çözmeklige täze mümkinçilikleri açar. Demografiki syýasatyň ykdysadyýete edýän oňaýly täsiri ýetişip gelýän nesliň ukyplaryny açmaklyga we ösdürmeklige degişlilikde durmuşy-demografiki tapawudy aradan aýyrmak, jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň hilini ýokarlandyrmak bilen bagly bolýar. Diýmek, ylmy esasda amal edilýän demografiki syýasat Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe geçýän özgerişleriň aýrylmaz bölegi bölýar.

**Tema: Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti, medeni mirasy**
**2-nji sapak**
**Meýilnama:**

1.Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti. Türkmen halkynyň hojalyk ýöretmek, täjirçilik, tekeçelik tejribesi.
2.Türkmenistandaky arheologik ýadygärlikler, halkyň şäher gurluşyk medeniýeti.
3. Ýakyn geçmişde ýurduň senagatlaşmagy üçin dörän käbir esaslar we olary öwrenmekligiň aýratynlygy.

**Edebiýat:**


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2016
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 12 tomluk. A. 2008-2019.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. A.2015
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan. A.2016
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregidir. A.2017
6. Arkadagyň ajap eýýamy.A. 2017
7. Suwhanow N. we başgalar. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby – A.2011ý.
8. Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.,Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Ýokary we orta hünär mekdepleri üçin gollanmasy okuw gollanmasy. A. 2011 ý.


**1.Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti. Türkmen halkynyň hojalyk ýöretmek, täjirçilik, tekeçelik tejribesi.**

Ilat gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolup gelipdir. Arheologik maglumatlara görä, ýurduň çäginde bürünç we demir asyrlarynda üç sany uly jemgyýetçilik zähmet bölünişigi bolup geçýär: netijede, ekerançylyk bilen hünärmentçilik hojalygyň esasy pudaklaryna öwrülýär. Şol döwürlerde täjirlik peýda bolýar. Bu zähmet bölünişmesi taýpalaryň arasynda alyş-çalşyň güýçlenmegine, adamlaryň arasynda emläk taýdan deňsizligiň we netijede döwletiň ýüze çykmagyna getirýär. Bu özgeriş b.e. öňki 2-nji müňýyllygyň ahyrynda we 1-nji müňýyllyklaryň başlarynda Türkmenistanda demriň giňden ulanyp başlanan döwüründe has-da güýçlenipdir.

Bu döwri öwrenmeklikde Günorta Türkmenistanda ýerleşýän Altyndepede, Namazgadepede we Mary welaýatynda Goňurdepede geçirilen arheoligik gazuw-agtaryşlaryň materiallarynyň gymmatly ähmiýeti bar. Mäne obasynyň ýanyndaky Altyndepe şäheriniň meýdany 30 ga. golaý, Kaka etrabynda ýerleşen Namazgadepäniň meýdany bolsa 70 ga. ýetýär. Murgabyň gadymy hanasynyň ugrunda Goňurdan bürünç eýýamynyň Marguş ýurdunyň esasy şäheri bolan Goňurdepäniň açylmagy Türkmenistanyň çäginde Marguş siwilizasiýasynyň bolandygyny subut etdi. Goňurdepede gadymy arhitektorlar kremliň beýik

diwarynyň arasynda gizlenen köşgi bina edipdirler. Olar kremliň daşyna inedördül goranyş diwaryny çekipdirler. Bu ýerde suw ybadathanasy, ot ybadathanasy we gurbanlyk berilýän ybadathana bilen bir hatarda Goňurdepäniň köşk toplumynyň jemlenen dini maksatly jaýlarynyň umumy meýdany 10 ga. bolan. Bu şäher otparazlyk dininiň dörän ýeri hasaplanýar. Ol ýerlerde ýaşan halklar öz döwürlerinde ýokary medeniýete eýe bolupdyrlar. Marguş siwilizasiýasy gadymy dünýäniň beýik medeniýeti hökmünde Müsür, Messopotaniýa, Hindistan we Hytaý medeniýetleri bilen bir hatarda durýar. Şu we beýleki arheologiki açyşlar Türkmenistanyň çäginde iň gadymy medeni merkezleriň bolanlygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistan gadymy siwilizasiýanyň ýurdudyr. Bu territoriýada-sebitde adamlar müňlerçe ýyl mundan ozal ýaşap başlapdyrlar. Türkmeniň bu topragynda siwilizasiýalaryň, medeniýetleriň gadymy ýadygärlikleri saklanyp galypdyr, mysal üçin: Nusaý ýadygärlikleri, Gadymy Merwde Soltan Sanjaryň ýadygärligi, Köneürgençde 62 metrlik beýik minara we başgalar. 1999-njy ýylda gadymy Merwiň, 2006-njy ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyň UNESKO tarapyndan umumyadamzat taryhy gymmatlygy hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna hasaba alynmagy guwandyryjy wakadyr. Türkmenistanyň köp bölegi gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşipdir.

Hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” atly kitaby ýurdumyzyň Beýik Ýüpek ýolunyň taryhyndaky ähmiýeti kesgitlemäge, bu halkara ýoluň merkezinde ýerleşip, yklymlary birleşdiriji güýje öwrülen ata Watanymyzyň müňýyllyklar içre dünýä medeniýetiniň ösüşine goşan goşandyny dabaralandyrmaga itergi berýär. “Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda ynsanperwer gatnaşyklaryň döremegine öz täsirini ýetiren milli medeniýetimiziň altyn hazynalary Ýer ýüzünde millet hökmünde tanalmagymyzyň we hormatlanmagymyzyň esasysdyr, hiç bir düşündirilişi talap etmeýän bakylyk mertebämizdir, ýüreklere mähir paýlaýan jadylaýjy mukamdyr” diýip, hormatly Prezidentimiz, taryhymyzyň, medeniýetimiziň, edebiýatymyzyň, dilimiziň, däp-dessurlarymyzyň gözbaşyny adamzadyň iň gadymy döwürlerinden alyp gaýdýandygyny ylmy taýdan esaslandyrýar.

Türkmenistan dünýäniň iň gadymy ylmy we medeni merkezleriniň biridir. Jeýtun, Änew, Altyndepe, Goňurdepe, Margiana, Parfiýa, Kuşan medeniýetleri, halyçylyk, mata dokamak, külalçylyk, nakgaşçylyk,zergärçilik, demir işlemek, aýna ýasamak ýaly milli senetçiligimiziň gadymy görnüşleri, Merw, Ürgenç, Nusaý, Abiwerd, Dehistan, Sarahs, Amul, Zemm, Şähriyslam ýaly iri ylmy merkezler dünýä taryhynda we medeniýetinde Türkmenistanyň tutýan ornunyň örän uly bolandygyna şaýatlyk edýär.

Şoňa görä-de, milli Liderimiziň maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýa ýaýmak, olarar halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek babatyndaky wezipelerinden ugur alyp, medeni mirasymyz bilen baglanyşykly köp işler durmuşa geçirildi. Ylmy kitaplar, diwanlar, eposdyr dessanlar, halk döredijiliginiň nusgalyk eserleri neşir edildi. Magtymgulynyň, Andalybyň, Mollanepesiň eserler ýygyndylary dünýä dillerine terjime edildi. Döwletimiz tarapyndan  ýardam berilmegi bilen Nusaý, Änew, Marguş, Altyndepe, Maşat-

Misseriýan. Dehistan, Köneürgenç ýaly gadymy taryhy-medeni şäherlerimizde halkara ylmy guramalary, daşary ýurtly alymlar bilen bilelikde arheologiýa gazuw-agtaryş işleri alnyp baryldy. Milli Liderimiziň Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň çägindäki Paryzdepe ýadigärliginde gazuw-agtaryş işlerini geçirmek boýunça bereb tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen Taryh institutynyň hem-de Arheologiýa we etnografiýa institutynyň alymlary tarapyndan ylmy-gözleg işleri alnyp barylýar.
Milli Liderimiz: "Dünýäde parahatçylygyň we dostlugyň pugtalanmagynda, abadançylygyň hem-de durnukly ösüşiň üpjün edilmeginde ylmyň, bilimiň, medeniýetiň we döredijilikli başlangyçlaryň mümkinçilikleri çäksizdir.

Taryhy, edebi-ýazuw maglumatlarynyň güwanamasyna görä, ýüpek ýolunyň dürli ugurlary ata Watanymyzyň gadymy we orta asyrlar şäheriniň, iri obalarynyň köpüsiniň üstünden geçipdir. Bu bolsa ata-babalarymyza gaýry ýurtly täjirler bilen söwda-satyk etmäge, alyş-çalyş etmäge, ruhy-medeni, hojalyk babatda birek-birege bolan gatnaşyk, tejribe alyşmaga mümkinçilik beripdir.

Beýik Seljuk türkmen döwleti döwründe has takygy Mälik şanyň döwleti dolandyran döwründe (1072-1092ýý) köp sanly kerwensaraýlar gurulypdyr. Şol zamanada kerwenlerden alynýan paç tölegler tertibe salynypdyr we ençeme halk ähmiýetli amatlyklar döredilipdir. Hut şoňa görä hem Türkmenistanyň çäginde kerwensaraýlaryň ençemesiniň bolmagy sebäpli gaýry ýurtlardan gelen täjirler, syýahatçylar şol kerwensaraýlarda düşläpdirler. Täjirleriň we hyzmatkärleriň dem dynç almagy üçin ýörite hüjreler, howlusynda hem mallar üçin ýataklar salynypdyr. Çaýhanalar gije-gündiz işläpdir, mallaryň ot-iými satylypdyr. Kerwenlere haryt alyp gitmek agyr ýükleri göterip biljek, tiz ýöreýän, uzak we ýowuz ýollara çydamly ulag serişdeleri gerek bolupdyr. Şonda ulag serişdesi hökmünde düýäniň roly uly bolupdyr. Halkara Ýüpek ýolunda gatnamak üçin türkmeniň arwana, araplaryň jemal, galmyklaryň gazaklaryň iki örküçli aýry düýeleriniň kerwenlerde harytlyk ýüki çekmäge asgyn gelýändigi sebäpli mundan iki ýarym müň ýyl ozal arwana düýeleri bilen iki örküçli düýelerden iriden sagat, güýçli hem çydamly ýük ulaglyk üçin amatly düýe alynypdyr. Kerwensaraýlarda lomaý söwda ýoly goýulypdyr, mundan başga-da, adamlar bu ýerde her hili täzelikleri, harytlaryň nyrhlary baradaky maglumatlary alypdyrlar. Täjirleriň köpüsi Ýüpek ýolunyň ähli aralygyny doly geçmegi maksat edinmändirler. Olar öz harytlaryny orta ýolda, Orta Aziýanyň bazarlary uly şäherleri bolan Horezmde, Samarkantda, Buharada, Amulda, Merwde we başga şäherlerde we obalarda ýerleşdiripdirler.

Adatça Hytaý täjirleriniň özleri Orta Aziýanyň çäginden günbatara geçmändir. Merwden günorta-günbatara Nişapuryň (Eýranda) üsti bilen kerwenler Siriýa tarap aralaşypdyrlar. Musulman dünýäsiniň iň uly şäherlerinden bir Bagdada barypdyrlar. Siriýanyň deňiz portlaryndan harytlary gämilere Müsüre, Wizantiýa, Italiýa we Ortaýer deňzi ýurtlaryna ýetipdirler.

## 2.Türkmenistandaky arheologik ýadygärlikler, halkyň şäher gurluşyk medeniýeti.

Gadym zamanlarda we orta asyrlarda gündogar bilen günbatary birleşdirýän maddy we ruhy medeni baýlyklaryň, halkalaryň medeniýetleriniň kämilleşmegine, döwletleriň özara diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýmaga, halklaryň arasynda söwda-ykdysady aragatnaşygynda ähmiýetli ýol bolan, Beýik Ýüpek ýoluny agzamak bolar. Bu ýoluň beýle at bilen taryha girmegi babat-da bolsa nemes syýahatçysy hem-de taryhçysy Ferdinand fon Rihthowen (1833-1905) tarapyndan çap edilen "Hytaý" atly kitabynda (5 tomdan ybarat bolup, 1877-1911ýazylyp çap edilen) ilkinji gezek Beýik Ýüpek Ýoly diýip atlandyrmagy bilen taryha girdi. Bu adyň döremegi kerwen ýollarynda Hytaýdan Günbatara örän köp görnüşli harytlaryň, ylaýta-da, ýüpegiň daşalmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýoluň üstünden geçirilen söwda harytlary barada taryhy çeşmelerde berilýän maglumatlara salgylansak kagyz günbatara äkidilipdir. Eýranlylaryň hem-de araplaryň uly isleg bildirýän harydy müşk (misk) bolupdyr. Ol Beýik Ýüpek ýoly arkaly Tibetden günbatara äkidilipdir. Şeýle hem gymmat bahaly deriler hem bu ýoluň ugrunda uly isleg bildirilipdir. Eýsem-de Merkezi Aziýadan hem köpsanly harytlar günbatara ugradylypdyr. Olardan gylyç, galkan, sowut, deriden başga sabyn, haly, misden ýasalan önümler, bal, gaýçy, aw guşlary, iňňe, ok-ýaý, et, gullar, stollar, şem, şemdanlar, simap, düýe ýüňünden önümler, keramiki gaplar we beýleki gap-gaçlar günbataryň möhüm şäherlerindäki bazarlara Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen äkidilipdir. Eýsem-de, şuny bellemek gerek Hytaý Orta Aziýadan ýyndam atlar, olara iýmlik ýorunja, şeýle hem üzüm we pagta tohumlaryny alypdyr. Köneürgenje gymmat bahaly çöl haýwanynyň derileri berilýärdi. Şol döwürden ýüpek matalar eýýäm Russiýanyň jümmüşine-de ýaýran hem bolsa, muny tassyklaýan maglumat elimizde entek ýok. Elbetde, Samarkandyň özünde hem ähli zat bardy we ýüpekçilik ep-esli derejede ösendi. Merkezi Aziýanyň Türkiýe bilen söwdasy hem ösüşe şol döwür eýe bolýar. Orta Aziýa bolsa ýüpekçilik aralaşypdyr.

Orta asyrlara degişli taryhy çeşmelere laýyklykda, türki halklaryň keçeden eşik taýýarlamakda ussat bolandyklary barada habar berýär. Eýsem günbatardan gündogara hem her dürli dokma önümleriniň, bezeg daşlarynyň, aýnalaryň, zenanlar üçin bezeg harytlarynyň bolandygyny hem bellemek bolar. XI-XII asyrlarda Orta Aziýanyň, Eýranyň we Demirgazyk Owganystanyň ilaty söwda bilen meşgul bolupdyrlar. Merw, Gürgenç, Nusaý, Nişapur, Yspyhan we beýleki şäherler sebitiň iň uly söwda-senetçilik (hünärmentçilik) merkezi bolupdyr. "Merw diňe bir täjirleriň ýygnanan ýeri bolman, eýsem onuň özi hem söwda kerwenleri düzüp, dürli ýurtlara iberilipdir". Horasan we Mawerennahr Uzak Gündogar, Hindistan, Gündogar Ýewropa we Günbatar Aziýa bilen giň alyş-çalyş söwdasyny alyp barypdyrlar. XI asyryň ahyrynda Günbatar we Gündogary biri-birine babaglaýan söwda ýollary Siriýanyň, Müsürüň, Palestinanyň port şäherleriniň üstünden geçipdir. Merw we Demirgazyk Horasanyň şäherleri kerwen ýollary arkaly Gürgen, Horezm, Mawerennahr bilen gatnaşykda bolupdyr. Orta asyrlarda Türkmenistanda deňiz we derýa söwda ýollary, şeýle hem Uzak Gündogar, Günorta-Gündogar we Günorta Aziýa ýurtlarynda giň ýaýran "kabataž (kenarýaka) söwdasy" alnyp barylypdyr. Bu ýoluň üstünden geçirilen söwda harytlary barada taryhy çeşmelerde berilýän maglumatlara salgylansak kagyz günbatara äkidilipdir.

Eýranlylaryň hem-de araplaryň uly isleg bildirýän harydy müşk (misk) bolupdyr. Ol Beýik Ýüpek ýoly arkaly Tibetden günbatara äkidilipdir. Şeýle hem gymmat bahaly deriler hem bu ýoluň ugrunda uly isleg bildirilipdir. Eýsem-de Merkezi Aziýadan hem köpsanly harytlar günbatara ugradylypdyr. Olardan gylyç, galkan, sowut, deriden başga sabyn, haly, misden ýasalan önümler, bal, gaýçy, aw guşlary, iňňe, ok-ýaý, et, gullar, stollar, şem, şemdanlar, simap, düýe ýüňünden önümler, keramiki gaplar we beýleki gap-gaçlar günbataryň möhüm şäherlerindäki bazarlara Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen äkidilipdir. Eýsem-de, şuny bellemek gerek Hytaý Orta Aziýadan ýyndam atlar, olara iýmlik ýorunja, şeýle hem üzüm we pagta tohumlaryny alypdyr. Köneürgenje gymmat bahaly çöl haýwanynyň derileri berilýärdi. Şol döwürden ýüpek matalar eýýäm Russiýanyň jümmüşine-de ýaýran hem bolsa, muny tassyklaýan maglumat elimizde entek ýok. Elbetde, Samarkandyň özünde hem ähli zat bardy we ýüpekçilik ep-esli derejede ösendi. Merkezi Aziýanyň Türkiýe bilen söwdasy hem ösüşe şol döwür eýe bolýar. Orta Aziýa bolsa ýüpekçilik aralaşypdyr.

Kerwenler Loýandan ugrap Dunhuana gelenlerinde, ýol ikä aýrylýar: biri günorta, beýlekisi demirgazyga; günortadaky ýol Hotan, Ýarkent, Balh şäherleriniň üsti bilen Kaşgara ondanam Samarkanda, Samarkantdanam Merwe gelipdir. Şeýlelikde, Dunhuandan gaýdan günortadaky we demirgazykdaky ýoluň ugrunda ilatly obalar köpräk we suw üpjünçiligi gowrak bolupdyr.

Alymlaryň pikirine görä, Ýüpek ýoly, takmynan, b.e. öňki II asyrda (b.e.öňki 107-nji ýylda) hytaý ilçisiniň has takygy hytaý täjiri, syýahatçysy we köşk goraýjysy Çžan Szýan ilkinji gezek Parfiýa döwletine gelmeginden başlanýar. B.e.öňki II asyrda ol Orta Aziýa syýahat edipdir. Şol asyryň 50-40-njy ýyllarynda Hytaý Gündogar Türküstany basyp alypdyr. Şondan bäri hem Hytaý bilen Orta Aziýanyň söwda medeni gatnaşyklary barha ösüpdir. Gadymy grek taryhçylary we ýazyjylary öz eserlerinde bu ýoluň taryhy barada köp ýazgylary galdyrypdyrlar. Ýüpek ýoly bilen aýrylmaz baglanyşykly türkmen taryhyny öwrenmek boýunça gymmatly ýazgylara biziň eýýamymyzdan ozalky I asyryň başlarynda beýan edilen Hytaý ýazuw çeşmelerinde hem duşmak bolýar.Ýol çölleriň we daglaryň üstünden düşüpdir, şol bir wagtda ençeme ugurlaryň bolmagy iň bellemeli zatlaryň biridir. Günorta ýol Hotan, Ýarkend, Balh, Zemm hem-de Merw şäherlerini kesip geçýär. Demirgazyk ýol Turfanyň, Kaşgaryň, Samarkandyň, Buharanyň, Amulyň üstünden düşüp, soňra ýene-de Merwe barýar. Çünki, Merw ençeme asyrlaryň dowamynda Orta Aziýanyň iň uly şäheri hasaplanylyp, halkara söwdasynyň esasy duralgasyna hem-de çatrygyna öwrülipdir. Mundan soňra ýüpek ýoly Nusaýdan, Dehistandan, Eýranyň şäherlerinden Bagdatdan aňry dowam edip Ortaýer deňziniň duralgalaryna baryp ýetipdir we adatça, Wenesiýada tamamlanypdyr. 1499-njy ýylda Wasgo de Gama Afrikanyň daşyndan aýlanyp, Ýewropadan Hindistana, Hytaýa deňiz ýollarynyň gatnawyny açmagy bilen gadymy ýüpek ýollarynyň kerwen gatnawy pese gaçýar. XVI-XVII-asyrlarda Kontinentara kerwen ýollary kesilýär. VII asyrda yslam dininiň ýaýramagy bilen bu ýoldaky söwda işleri tutuşlygyna arap söwdagärleriniň eline geçýär. XIV asyrda deňiz gatnawlarynyň giňden ýaýramagy ýüpek ýolunyň ähmiýetini peseltýär. XVI asyrda, ýagny Ýüpek

ýolunda ilkinjii ýolagçylaryň gatnap başlan wagtyndan bir ýarym asyr geçenden soň, kerwen ýollary doly ýatyp galýar.

Beýik Ýüpek ýoly diýlen düşünjäniň dünýä halklarynyň taryhy we medeni miras ulgamynda hatarly kerweniň şekilinde göz öňüne getirilmegi ýöne ýerden däldir. Şu ýerde kerwen sözüne üns berilende sözüň etimologiýasy babatynda gürrüň edilende taryhy edebiýatlarymyza salgylansak "kar" sözüniň pars dilindäki "iş", "hünär", türkmen dilindäki "kär" manysyny berýändigi we "wan" sözüniň "adam" manysyny aňladýandygy aýdylmak bilen çäklenilýär.

Ýüpek bilen baglanyşykly şeýle bir rowaýat dünýäni gezýär: bäş müň ýyl mundan ozal Hytaý imperatorynyň aýaly Leý Szi bir uly tut agajynyň kölegesinde dürli otlardan taýýarlanylan çaýdan içip, melul bolup, ýassyk tirsekläp ýatan eken. Garaşylmadyk ýerden onuň çaýly käsesiniň içine ýokardan bir zat gaçýar. Görse, ýokardan — tuduň üstünden gaçan zat içi gurçukly pile eken. Muňa gahary gelen şazenan piläni käsesinden alyp zyňmakçy bolýar. Şonda ol ezilen pileden bir sapagyň aýrylandygyny görýär we ony sozup-çöşläp başlaýar. Pile tiz wagtdan kiçijik bir ýumaga öwrülýär. Şonda Leý Szi bu sapajykdan oňat süýüm alyp boljakdygyna düşünýär we ondan mata dokamak mümkinçiliginiň bardygyny aňlaýar.

Şondan soň Hytaýda ýüpek gurçugyny idetmäge we ondan piläniň bol hasylyny almaga başlaýarlar. Şol pileden alnanýüpek süýüminden bolsa ajaýyp ýüpek matalary dokalýar. Ine, şeýdip Hytaýda ýüpegi senagat taýdan işlemegiň düýbi tutulýar. Ýüpek baradaky düşünjäni adamlaryň aňyna ornaşdyran Leý Szä bolsa il arasynda «Ýüpek hudaýy» diýip at berýärler. Soňra bu jelegaýlarda ösdürilip ýetişdirilen tut agaçlaryny «keramatly agaç» hökmünde häsiýetlendirýärler. Şu ýerde ady agzalýan şazenanyň ady Radkewiçiň berýän maglumatyna görä imperator Si Ling-çiniň aýaly Hoang Ti bolmaly ýa-da onuň gyzy Lui-çen bolmaly. A.A.Tihomirow (1850-1931) Beýik Ýüpek Ýoly barada işlän alymlaryň biri bolup, ol ýüpegiň işlenilip başlanan wagty b.e.öňki 2698(7)-nji ýyl diýip belleýär emma bu maglumat jedelli mesele bolup Ž.Rostan bolsa bu senäni b.e.öňki 2600-njy ýyl diýip belleýär. Şondan bäri hem ýüpek dünýäniň iň arzyly harytlarynyň birine öwrülýär. Rowaýatlara salgylansak Hotan welaýatynda tut agajy-da, ýüpek gurçugy-da ýok eken. Goňşy ýurduň hökümdary gurçugy hotanlylara bermeýär eken. Hotan welaýatyndan bir patyşa ýüpek gurçugynyň bar bolan welaýatdan gelin edinýär. Soňra ol gelne öz ýurdunda bar bolan ýüpek gurçugynyň öz ýurdunda ýokdugyny aýdyp, ony edinmek isleýändigini beýan edipdir. Netijede, gelin atasy öýüne gidip gaýdyp gelen-de zenanlaryň kellesine geýýän ýörite baş gabynyň içinde ýüpek gurçugyny geçirendigini barada aýdylýar. Ýene-de bir rowaýata salgylansak bir garryja adamynyň hasasynyň içinde gurçugyň ýaşryn getirilendigi barada aýdylýar. Şondan soňra ýüpek bütin dünýä ýaýranmyş ýaly hekaýalar bar.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky halklar, ýurtlar, hakynda gadym zamandaky dünýä belli alymlary, grek taryhçylary Geradot, Strabon, Ptolameý hem-de gadymy rim taryhçylarydyr: Pliniý uly, Isidor Haranskiý we beýleki tanymal alymlar ýazyp belläp geçipdirler.

Beýik Ýüpek ýolunyň köp şahalary bolupdyr. Olaryň biri Owganystanyň üsti bilen Hindistana giden bolsa, başga biri Wolga derýasynyň üsti bilen Gündogar Ýewropa ýurtlaryna gidipdir. Ýüpek ýolunyň şahalary bilen Hytaýyň, Hindistanyň we Orta Aziýanyň harytlary Kiýew, Nowgorod, Moskwa ýaly gadymy rus şäherlerine hem ýetipdir.

Çölüstanda ýekelikde gurulan kerwensaraýlar kiçeňräk galany ýatladypdyr, olar garakçylaryň çozuşyndan goranmaga amatly ekeni.

Kerwenli söwda etmek ýeke bir ýokary derejede düşewüntli bolman, eýse, diýseň töwekgelçilikli, hatarly iş bolupdyr. Şonuň üçin hem söwdagärler täjirçilik bilen ýekebara meşgullanman, olar ýüzlerçe hem-de müňlerçe ýaragly adamlarda ybarat tutuş toparlary emele getiripdir. Döwletler kerwenlerden paç salgyt alypdyrlar we bu girdejileri ýitirmezlik üçin Aziýa ýurtlarynyň patyşalary täjirleri goraýan berk kanunlary kabul edipdir. Täjirler öz harytlaryny belli baha kesipdirler we şol baha barabarlykda başga harytlara çalşypdyrlar. Merwe barýan kerwenleriň ýoly ýene-de ençeme obalaryň we şäherleriň üstünden geçýär. Olaryň arasynda iň uly duralgalaryň biri hem (häzirki Artyk hem-de Kaka stansiýalarynyň aralygyndaky gadymy Peştak şäher harabaçylygy) Abywertdir. Orta asyrlardan galan ýene bir kerwensaraý Horezm bilen Horasanyň aralygynda ýerleşen Daýahatyn kerwensaraýy bolup durýar. Ata Watanymyz Türkmenistan diýarymyzdan kerwenleriň gatnandygy barada hat-da dessanlarda şahyrlarymyzyň goşgy setirleri muňa şaýatlyk edýär. Mysal üçin, Döwletýar dessanynda “Ýolunda oturdym kerwenler gurdum”, diýmek bilen Ahalda Döwletýar begiň kerwenler guranlygy barda gürrüň etse, Magtymguly Pyragy:

**Hataryň görküdir iner-maýalar,**
**Ilimiň kuwwaty merdana ärler;**

diýmek bilen kerwen ýollaryny beýan edilýär.

Hazar deňzinden Hindistan aralygy Parfiýalaryň gözegçiliginde bolupdyr. Birneme gijräk V-VI asyrlarda bu söwda ýoluna Eýran we Sogdy täjirleriniň täsiri güýçli bolupdyr. VII asyrda arap halyflygynyň döremegi bilen kerwen ýoly araplaryň gözegçiligi astynda bolýar.

Emma XIII asyrda mongollaryň basybalyjylykly ýörüşleri netijesinde Orta Aziýada söwda ýolunyň ähmiýeti pese düşüp başlaýar. Ýöne demirgazyga (Sibiriýanyň üsti bilen Moskwa) uzaýan bu ýoluň ähmiýeti ýokary derejä göterilip başlaýar. Şonda soňra öňki gury ýeriň üstündäki kerwen ýollarynyň deregine deňiz ýollarynyň ähmiýeti has-da öňe saýlanyp başlaýar.

Bu döwürde şeýle täsin matanyň taýýarlanyşynyň syry Ýewropada belli däldi. Hytaý ussalary ony örän ýaşyryn saklapdyrlar. Hat-da Hytaýyň öz içindäki hanlyklaryň we welaýatlarynyňam hemmesinde pile taýýarlamaklygy, ony tohumlandyrmagy bilmändirler. Tebigy ýüpek ýüplügi özüniň inçeligi bilen tapawutlanýar. Onuň bir tiljagazynyň ýogunlygy 143-141 mtekse, pile ýüpüň ýogynlygy bolsa 400-333 mtekse barabar bolup, pile ýüplüginiň uzynlygy beýleki tebigy ýüplüklerden, ýüplerden tapawutlylykda örän uzyndyr we bir pilede bar bolan ýüplügiň uzynlygy 1000-1200 metre barabar bolup durýar. Tebigy ýüplüginiň atmosferanyň täsirine çydamlylygy beýleki tebigy süýümler bilen

deňeşdirilende pesräkdir. Tebigy ýüpegiň mikrobiologiki çydamlylygy has ýokarydyr.

Türkmenleriň ata-babalary Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen geçýän söwdanyň ösmegine, halklaryň gatnaşmagyna we ýakynlaşmagyna uly goşant goşupdyrlar. Söwda ýolunyň bir çeti Hytaýa, Tibete, Hindistana, Merkezi Aziýa, Russiýa we Ýewropa şäherlerine ýetipdir. Beýik Ýüpek ýolunyň galdyran yzlary, ýollary, dünýä halklaryna beren gadyr-gymmaty adamzadyň hakydasynda galypdyr. Häzirki zaman taryhynda bu gatnaşyklar täzeden dikeldilip, ýola goýlup başlandy.

Türkmenistan geografiki taýdan ýerleşişi hem-de milli ykdysady bähbitleri bilen sebitiň çäginden çykýan hem-de yklymyň ýurtlarynyň öüşiniň möhüm ugurlaryny öz içine alýan Ýewraziýa goşulmaga uly gyzyklanma bildirýär. Şeýle başlangyçlary öňe sürmek hem-de bu ugurdaky taslamalary üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, Türkmenistan oňyn ýagdaýlaryň ygtybarly binýadyny kemala getirýär, yklymyň möhüm ulag merkezine öwrülýär. Munuň özi ykdysadyýetiň, halkyň abadançylygynyň we oňaýly durmuş şertiniň üpjün edilmegine, hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine we uzak möhletleýin esasda netijeli häsiýete eýe bolmagyna ýardam edýär.

## 3. Ýakyn geçmişde ýurduň senagatlaşmagy üçin dörän käbir esaslar we olary öwrenmekligiň aýratynlygy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň:”Biziň başlan özgertmelerimiziň ählisi bir zady milli ýolumyzy saklap, dünýä ykdysadyýetine has çalt,sazlaşykly girmegi maksat edinýär” diýen sözleri, hakykatda, ösüşiň XXI asyr milli ýoluny aňladýar. Munuň şeýledigine Fewral aýynyň 22-sinde Moskwada GDA-nyň resmi däl sammitinde eden çykyşynda türkmen Lideri ýene-de bir gezek tassyklady. Ylaýta-da, energetika sektorynda partnýorçylygyň aktiwleşmegi sammite gatnaşyjylar tarapyndan Türkmenistanyň esasy hyzmaty hökmünde ykrar edildi. Häzir Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslamasyny, şeýle hem “Orta Aziýa – Merkez” magistral gaz geçirijisiniň kuwwatlyklaryny artdyrmagyň taslamasyny durmuşa geçirmekde GDA girýän döwletleriň birnäçesiniň özara hyzmatdaşlyklaryna giň orun degişlidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşynda ulag-energetika pudagyny GDA-yň çäklerinde özara gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biri diýip atlandyrmagy ýönelige däldir. Şunda Türkmenistanyň we Russiýanyň häzirki döwrüň global meselelerini çözmäge garaýyşlarynyň umumylygynyň, çeşmeleriniň ýakynlygynyň aýdyň mysallary has äşgär göze ilýär. Häzir Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygyna iri rus kompaniýalarynyň biri bolan “Straýtansgaz” paýdarlar jemgyýetiniň gatnaşmagy hakynda umumy bahasy 400 million ýewro golaý bolan ylalyşyk baglaşyldy. Şonda desgalaryň birnäçesini uzunlygy 200 kilometre golaý Malaý – Bagtyýarlyk gazgeçirijisini, arassalaýyjy we guradyjy enjamlary şeýle hem, gaz ölçeýji stansiýany bina etmek göz öňünde tutuldy.Bu gaza baý bolan struktura Amyderýanyň sag kenaryndaky “Bagtyýarlyk” şertnamalaýyn sebitiň düzümine girýär. Bu sebit Önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyga laýyklykda “Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasy internasional (Türkmenistan)” kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan özleşdirilýär.

Iň täze tehnologiýalary ulanmak arkaly geçirilen barlaglaryň netijesinde türkmen we hytaý hünärmenleri 21-nji barlag guýusynda günde 130 müň kub metrden gowrak bolan tebigy gazyň senagat akymyny aldylar. Agaýry strukturasynda göwrüm usuly bilen kesgitlenen gaz gorlary 73 milliard kub metr gaza golaýdyr. Bu strukturany iri gaz ýataklarynyň hatarlaryna goşmaga mümkinçilik berýän şol çaklama Amyderýanyň sag kenarynyň çäkleriniň uglewodorod serişdeleri babatda uly gelejeginiň bardygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Moskwadaky duşuşykda girizilen Demirgazyk – Günorta ulag-kommunikasion karidorynyň sebitiň we bütin dünýäniň ykdysady ösüşine etjek täsirine ýokary baha berildi. Aziýa bilen Ýewropanyň demirýol arkaly birleşdirjek bu taslama doly durmuşa geçirilenden soňra Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň, Eýranyň üsti bilen Pars aýlagyna göni çykmaga täze bir derweze açylýar. Ol bolsa Gündogarda Hytaýdan, Demirgazyk – Günbatarda Skandinawiýa, Baltika döwletlerinden gaýdýan ýükleri daşamagyň wagt we tygşytlylyk babatda täze bir ugruny açar.

Türkmenistan –Ýewropa gaz prowodyny gurmagyň taslamasynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistana Ýewropanyň we Aziýanyň beýleki döwletlerine ägirt uly möçberlerde peýda getirer, ähli önümçilik ugurlarynyň kadaly işlemegine täze itergi berer, sebäbi ol ýangyç senagatyny we adamynyň durmuşynyň hem-de işiniň beýleki ugurlaryny ösdürmegiň iňňän möhüm komponentleriniň biri bolup durýar. Balkan ýarym adasynyň üstünden çekiljek Türkmenistan-Ýewropa gaz prowodynyň kuwwaty 28-31 mlrd. Kub metr gaza barabar bolar. Mundan başga hem bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi birnäçe döwletleriň we döwlete dahylsyz kompaniýalaryň güýçlerini birleşdirmegi talap edýär. Bu uly möçberli taslamany durmuşa geçirmäge Türkmenistan, Eýran, Türkiýe, Russiýa, meşhur amerikan kompaniýalary we beýleki ýurtlar gatnaşýarlar. Gazy satmakdan alynjak peýda we bu ägirt uly gaz prowodyny ulanmagyň getirjek oňyn netijeleri diňe bir girdeji gazanmak mümkinçiligi bilen hem çäklenmeýär. Şunuň ýaly uly göwrümde ýangyç arteriýasynyň bolmagy Türkmenistanyň ykdysadyýetine inwestisiýalary goýmak üçin ägirt uly möçberdäki özüne çekiji şert bolup durýar. Bu ýagdaý bolsa öz nobatynda şol gymmatly uglewodorod çig malynyň çykarylyşynyň we satylyşynyň mukdaryny artdyrmaga getirer.

Şunuň ýaly uly möçberli we ähmiýetli taslamalaryň durmuşa geçirilmegi birek-birek bilen gatnaşyklaryň barha giňelmegine hem-de artmagyna, has ähmiýetli täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi birek-birek bilen gatnaşyklaryň barha giňelmegine hem-de artmagyna, has ähmiýetli täze taslamalaryň ýüze çykmagyna, adamlaryň, döwletleriň we kontinentleriň arasyndaky gatnaşyklaryň has çuňlaşmagyna getirer. Ýakyn geljekde çekilmeli göz öňüne tutulýan Türkmenistan-Owganystan-Päkistan gaz prowody hem Türkmenistan Aziýa tarap uzalyp gidýän ajaýyp gaz ýoly bolar.

Hazary ýakalap otyran döwletleriň Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Russiýanyň, Eýranyň, Azerbaýjanyň ykdysady-geografik bähbitleri, syýasy-jemgyýetçilik ýörelgeleri hemişe Hazar bilen, onuň ýakasyndaky goňşy döwletler bilen üzülmez baglanyşyklydyr, ol şeýle bolmagynda-da galýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan gaz eksportyny Demirgazyk marşruty boýunça (Derýalyk-Ýewropa we Garabogaz-Ýewropa magistral gaz geçiriji ulgamlary boýunça Özbegistanyň hem-de Gazagystanyň üsti bilen Russiýa), şeýle-de Günorta ugur arkaly (Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisi boýunça Eýrana) amala aşyrylýar.

Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň energiýa göterijileri eksport etmek boýunça öň baglaşylan halkara şertnamalaryna ygtybarly bolmak bilen, öz strategiýasynda mawy ýangyjy ibermegiň köp görnüşli ulgamynyň döredilmegini nazarlaýandygyny birnäçe gezek aýdypdy.

Transowgan gaz geçirijisi bu babatda, aýdylyşy ýaly, ilkinji alamat boldy. Şeýle energiýa geçirijini gurmak baradaky pikir ýurdumyzyň garaşsyzlygyny gazanmagynyň yzy süre döräpdi. Emma Türkmenistanyň, Owganystanyň hem-de Pakistanyň baştutanlary tarapyndan şu gaz geçirijisini gurmak baradaky Ylalaşyga diňe 2002-nji ýylda gol çekildi. “Pepspen” iňlis kompaniýasy uzynlygy 1680 km. boljak Transowgan gaz geçirijisiniň taslamasynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlady. Ýylda 33 mlrd kubmetr[1] gaz geçirmäge niýetlenilen ulgamyň gurluşygyna ediljek çykdajy ABŞ-nyň 3,3 mlrd dollary töweregidir.

Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi meselesine 1996-njy ýyldan başlap garalyp ugraldy. Taslamanyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegine bolsa Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmen döwletiniň baştutany wezipesine girişeninden soňra başlanyldy. 2007-nji ýylyň Gorkut aýynda Hytaýa resmi saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti HHR-iň Başlygy bilen gepleşikler geçirdi, olaryň netijesinde ylalaşyklaryň birnäçesine gol çekildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow CNPC hytaý kompaniýasynyň ýolbaşçysyna Bagtyýarlyk şertnamalaýyn sebitinde iş alyp barmaga bolan hukugy kepillendirýän resminamalaryň toplumyny gowşurdy. Umumy uzynlygy 7000 kilometre golaý bolan gaz geçirijisi Amyderýanyň sag kenaryndaky gaz ýataklaryndan gözbaş alyp, Ýuwaş okeanyň kenarynda ýerleşen Guandun welaýatyna  çenli baryp ýeter. Bu gaz geçirijisi boýunça Hytaýa her ýylda 30 mlrd kub metr türkmen gazynyň eltilmegi göz öňünde tutulýar.

Hazaryň türkmen sektoryndaky täze gor ýataklary gor esasy bolup biljek Transhazar gaz geçirijisi barada aýdylanda bolsa, ekspertleriň pikirine görä, onuň gurluşygy ABŞ-nyň 5 mlrd dollaryna düşer.

Hazarýaka gaz geçirijisiniň ideýasy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tarapyndan 2007-nji ýylyň Magtymguly aýynda türkmen-rus-gazak Sammitinde öňe sürlüp, ähliumumy ykrar edilişi ýaly, energetika babatda özara peýdaly halkara hyzmatdaşlygynyň mundan aňryk hem ösdürilmeginde ägirt uly ähmiýete eýedir. Onuň gor esasy hökmünde Türkmenistanyň Günbatar bölegindäki deňiz ýalpaklygynda we gury ýerde ýerleşen gaz ýataklary peýdalanylýar.

Hazaryň Gündigar kenary boýunça geçiriljek bu täze gaz geçirijisi ýakyn wagtda Türkmenistana, Russiýa we Gazagystana Ýewropanyň baý energetika bazaryna öz täsirini ýetirmäge mümkinçilik berer.

Türkmen lideriniň bu başlangyjy tüýs wagtynda gozgalan we aktual meseledir, çünki dünýäniň dürli ýurtlarynyň adamlaryny birleşdirýän zatlar tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň goragy astynda bolmalydyr. Ýurdumyzyň nebitçileridir

gazçylary bellenilen maksada ýetmek üçin, bu babatda giň möçberli işleri alyp barýarlar. Häzir Amyderýanyň sag kenarynda nebitçilerimizdir-gazçylarymyz uly taslamalary durmuşa geçirýärler. Bu ýerde gözleg-agtaryş we ulanyş-burawlaýyş işleriniň depgini günsaýyn güýçlendirilýär. Çünki Amyderýanyň sag kenarynda uglewodorod çig mallarynyň ägirt uly gorlary bar. Anyk aýtsak, "mawy ýangyjyň" gorlary 1,3 trillion kub metre barabardyr.

Ýaşyldepede ýene-de bir iri senagat merkezi döredilýär. Taslama kuwwatlylygy ýylda 1 milliard kub metr harytlyk gaz, 50 müň tonna suwuklandyrylan gaz we 200 müň tonna kondensatly gazy gaýtadan işleýän täze zawodyň gurluşygy batly depginlerde alnyp barylýar. Toplum iň täze tilsimatlar, kämil enjamlar bilen üpjün edilendir. Bu toplumda tilsimat we inženerçilik kommunikasiýa desgalarynyň kyrkdan gowragy bar."Lebapnebitgazgurluşyk" trestiniň gurluşykçylary uzynlygy 55,7 kilometr bolan ýokary basyşly gaz geçirijisiniň we uzynlygy 61 kilometr bolan suwuklandyrylan ýangyjy akdyrmak üçin turba geçirijiniň gurnama işlerini tamamladylar. Pelwertde 3 müň tonna suwuklandyrylan gazy saklamak we ýerlemek boýunça terminal bina edilýär. Uglewodorod kondensaty hem ilkibaşda Pelwerdiň nebit guýulýan terminalyna barar. Ondan demir ýol arkaly Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodyna ugradylar. Gözbaşyny Samandepe gaz ýatagyndan alyp gaýdýan Türkmenistan-Hytaý gaz geçrijisiniň gurluşygy-da diýseň ýokary depginlerde alnyp barylýar. Baş Ylalaşyga görä, Türkmenistan Hytaý Halk Respublikasyna 30 ýylyň dowamynda her ýyl 30 milliard kub metr "mawy ýangyç" iberer. Bu taslama XXI asyryň ägirt uly gurluşygydyr, onuň jemi uzynlygy 7 müň kilometrdir. Onuň 180 kilometri Türkmenistanyň çäginden geçýän Ýaşyldepe ýatagy "gara altynyň" hem has geljegi uly bolan meýdanlardyr. Soňky üç ýylda bu ýerden 1,4 million tonnadan gowrak uglewodorod çig maly alyndy. Gysga wagtyň içinde bu ýerde nebit çykaryjy, arassalaýjy, nebit ýygnaýjy desgalar, nokatlar guruldy. Bular nebitiň çykarylyşyny ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berdi.

Häzirki wagtda Ýaşyldepede çuňlugy 3100 metr bolan täze guýunyň buraw işleri alnyp barylýar. Ony Hytaýyň "SINOPEK" nebithimiýa däl korporasiýasynyň hünärmenleri amala aşyrýarlar. Hytaýly hyzmatdaşlarymyz ýakyn iki ýylyň dowamynda şeýle çuňlukdaky nebit guýularynyň ýene-de altysyny burawlamagy maksat edinýär. Şunlukda, Ýaşyldepe meýdançasynda "gara altynyň" çykarylyşynyň möçberi has-da köpeler.

Türkmenistan täze gaz we nebit ýataklaryny özleşdirmek bilen, ýakyn wagtda "mawy ýangyjyň" çykarylyşyny we daşary ýurtlara iberilişini has-da artdyrmaga uly mümkinçiliklere eýedir. Türkmenistany 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda eýýäm 2030-njy ýyla çenli gazyň çykarylyşyny 250 milliard kub metre çenli ýetirmek göz öňünde tutulýar.

2010-njy ýylyň 28-nji noýabrynda Hangeranda "Sarahs-Sangbast" gaz geçirijisiniň açylmagy şu ýylyň ýanwar aýynda ulanmaga berlen, Eýrana türkmen gazyny akdyrýan ikinji eksport ugry bolan "Döwletabat-Sarahs-Hangeran" gaz geçirijisiniň dowamydyr.Täze gaz geçirijiniň işe girizilmegi bilen "Döwletabat-Sarahs-Hangeran" ugry boýunça iberilýän gazy her ýylda 12 milliard kubmetre

ýetirmäge mümkinçilik berer. Türkmenistanyň günbatarynda hereket edýän Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisini hasaba alanyňda, her ýylda Eýrana iberilýän türkmen tebigy gazynyň mukdaryny 20 milliard kubmetre çenli artdyrmagy üpjün eder.

Garaşsyzlyk ýyllarynda, hususan-da, täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň baý tebigy gorlaryny özleşdirmek babatda haýran galdyryjy netijeler gazanyldy. Ýurdumyzyň alymlarynyň maslahaty boýunça nebit we gaz ýataklarynyň 20-ä golaýy açyldy. Olaryň arasynda örän iri Günorta Ýolöten-Osman we Ýaşlar ýataklary bar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly şu ýataklarda tebigy gazyň 14 trillion kubmetr gaz gorlarynyň bardygy “Gaffneý Cline& Assosiates” halkara ekspert kompaniýasynyň auditor barlaglary netijesinde tassyklanyldy. ”Türkmengeologiýa”döwlet konserniniň hünärmenleri goşmaça geologiýa-barlag we buraw işleriniň netijesinde GünortaÝolöten-Osman ýatagynyň serişdelerini 22 trillion kubmetrden gowrak möçberde bahalandyrdylar. Hut Günorta Ýolöten-Osman ýatagy “Gündogar-Günbatar” turba geçirijisi üçin esasy çig mal çeşmesi bolup hyzmat eder.Onuň abadanlaşdyrylmagy we senagat taýdan ulanmaga berilmegi Türkmenistanyň energetika kuwwatyny ep-esli artdyrar.

“Bagtyýarlyk” sebitinde açylan täze gaz ýatagy biziň ýurdumyzyň ägirt uly serişdeler mümkinçiliklerine eýedigini ýene-de bir gezek tassyklap, 2009-njy ýylyň dekabr aýynda ulanmaga berlen Türkmenistan –Hytaý Transaziýa turbageçirijisi üçin tebigy gazyň täze çeşmesine öwrüler. “Bagtyýarlyk” şertnamalaýyn sebitde türkmen we hytaý hünärmenleri tarapyndan tebigy gazyň bökdençsiz iberilmegini üpjün edýän iri desgalaryň onlarçasynyň gurlandygyny bellemek gerek. Olaryň esasynda ilkinji gazy gaýtadan işleýän zawod hem bar. Şol zawod her ýylda 5 milliard kub metr harytlyk gazy arassalamaga we öndürmäge niýetlenendir. Ýakyn wagtda bu ýerde kuwwatlylygy her ýykda 8 milliard kub metr gaza barabar bolan has kuwwatly gazy gaýtadan işleýän ikinji zawodyň gurluşygyna girişiler. Onuň ulanmaga berilmegi bilen Amyderýanyň sag kenaryndaky täze ýataklardan çykarylýan “mawy ýangyç” esasy gaz geçirijisine akdyrylyp başlanar.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda gaz we gazkondensat ýataklarynyň 28-si, şol sanda Döwletabat, Şatlyk, Malaý, Kerpiçli Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy, Ýelguýy we beýleki köpsanly ýataklar özleşdirilýär.

Tebigy gazyň eksport akymlarynyň köp ugurlylygy ýörelgelerinden ugur alyp, Türkmenistanda beýleki eksport gaz geçiriji ugurlaryny döretmek boýunça hem işler alnyp barylýar. Geologiýa-gözleg işlerini çaltlaşdyrmak, täze , nebite we gaza baý meýdançalary, ilkinji nobatda, geologlaryň çaklamalaryna görä, uglewodorodyň baý gorlaryna eýe bolan Garabildäki-Gurrukbildäki ýataklaryn toplumyny özleşdirmek we senagat taýdan abadanlaşdyrmak ýakyn onýyllyklarda ýurdumyzyň nebit-gaz sektoryny ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Şu günki günde Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçerijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmegiň ýörelgeleri Ttürkmenistanyň, Owganystanyň we Pakistan Yslam Respublikasynyň arasynda 2002-nji ýylyň maý we dekabr aýlarynda baglaşylan hökümetara ylalaşyklarynda öz beýanyny tapdy. Bu taslama barasynda aýdanymyzda, bu gaz geçiriji millionlarça adamyň

durmuşyna durnukly ösüşi we abadançylygy getirjekdigi şübhesizdir. Taslama gatnaşyjy döwletlere durmuş we gumanitar meseleleriň birnäçesini, şol sanda goşmaça iş orunlaryny döretmek, gaz geçirijiniň ugrunda sosial infrastrukturany emele getirmek bilen bagly meseleleri çözmäge mümkinçilikler berer.Onuň amala aşyrylmagy sarp ediji hem-de üstaşyr geçirýän ýurt bolan Owganystan üçin has hem bähbitli bolar. Möhüm sebitleýin we halkara ähmiýete eýe bolan bu ägirt uly gaz geçirijiniň gurluşygyny amala aşyrmak meselelerine ähli tarap uly ähmiýet berýär.

2010-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda Türkmenistanyň, Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň pudaklaýyn ministrleriniň ýolbaşçylarynyň derejesinde TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygy boýunça Çarşuwaly ylalaşygyň kabul edilmegi we dört ýurduň pudaklaýyn kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda “Tebigy gazy satmak-satyn almak hakynda ylalaşygyň bölümlerine Protokol” diýem goşmaça ylalaşyga gol çekilmegi taslamany ilerlemekde wajyp ädim boldy.Türkmenistanyň, Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň hökümetleriniň arasynda TOPH gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek hakyndaky agzalan ylalaşygyň taslamasyny ylalaşmak boýunça işler dowam etdirilip, taraplar 2010-njy ýylyň noýabrynda TOPH-nyň Tehniki iş toparynyň 8-nji mejlisinde gaz geçirijiniň gurluşygyny durmuşa geçirmek barada hökümetara ylalaşygyň gutarnykly görnüşini ylalaşdylar.Şeýlede 2010-njy ýylyň dekabr aýynyň 7-ne, TOPH gaz geçirijisiniň taslamasy boýunça Tehniki iş toparynyň 9-njy mejlisi, 10-njy dekabrda Aşgabatda TOPH-nyň Ýolbaşçy komitetiniň 12-nji mejlisi boldy.

2014-nji ýylyň oktýabr aýynda marywelaýatynyň Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy gurulyp, işe girizildi. Karbamid öndürýän zawodyň ýene-de birisi 2018-nji ýylda Balkan welaýatynyň garabogaz şäherinde gurlup, ulanylmaga berildi

Türkmenistanyň energetika strategiýasynda diňe çig maly däl-de, nebithimiýa pudagynyň kärhanalarynyň tehniki täzelenişini amala aşyrmagyň hasabyna gazy we nebiti gaýtadan işleýän önümçiligiň döwrebap desgalaryny gurup, ylmy-tehniki ösüşiň soňky gazananlarynyň esasynda ýokary hilli taýýar önümi eksport etmekişleri öňe sürülýär. Halkara bazarynda uly islege eýe bolan polietilen we polipropilen önümleri Hazaryň kenarynda ýerleşýän Gyýanly şäherçesinde gurulýan gazhimiýa toplumynda öndürilýär.

Bu taslama 2014-nji ýylda halkara eksport-karz agentligi tarapynda maliýeleşdirilen Ýewropada we Ýewraziýada gurulmaly iň gowy on taslamanyň biri hasaplandy we ol “TXF”  beýik Britaniýa guramasynyň ýörite baýragyna mynasyp boldy.

Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň çäginde benzin we tebigy gaz öndürýän zawod guruldy. Şu welaýatyň Owadandepe senagat merkezinde her ýyl 1 mlrd.782 mln. Kubmetr tebigy gazy öndürmek kuwwatly, Euro-5 atendartynda bellenen ýokary ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän A-92 markaly benziniň 600 müň tonnasyny öndürýän ýene-de bir uly zawod guruldy. Bu senagat desgasy tebigy gazy gaýtadan işlemek bilen ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa benzini öndürýän dünýäde ilkinji gazhimiýa toplumydyr.

Umuman aýdanymyzda, ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň kärhanalary tarapyndan pudagyň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça uly işler geçirildi. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, tebigy gazyň her ýylda çykarylýan möçberiniň 230 milliard kub metre, nebitiň çykarylyşyny 67 million tonna ýetirmek göz öňünde tutulýar. Eýýäm 2015-nji ýyla çenli tebigy gazyň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini 125 milliard kubometre ýetirmek meýilleşdirilýär.